**Ş. Abdullaýewa, G. Welbegow,**
**Ş. Satmatow**

# OKUW KITABY

2-nji synp

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan

*Altynjy neşir*




DAŞKENT
«O‘ZBEKISTON»
2018

UO‘K 811.512.164(075)
372.41(075)
KBK 81.2.Tur-922.
A 13

*Ylmy redaktorlar:*

**Isa Arazow, Nurmuhammet Latipow** — Dörtköl tümeniniň 6-njy orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymlary.

*Syn ýazanlar:*

**Habibulla Abdullaýew, Kümüş Razzakowa** — Dörtköl tümeniniň 6-njy orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymlary.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-01-290-5

© Abdullaýewa Ş. we başg. 2017, 2018
© «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2010–2018

# ENE TOPRAK — ALTYN DIÝARYM

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET SENASY

Sözleri **Abdulla Arypowyňky**
Sazy **Mutal Burhanowyňky**

Serquyosh, hur o‘lkam, elga baxt, najot,
Sen o‘zing do‘stlarga yo‘ldash, mehribon!
Yashnagay to abad ilmu fan, ijod,
Shuhrating porlasin toki bor jahon!

G a ý t a l a m a :

Oltin bu vodiylar — jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

Bag‘ri keng o‘zbekning o‘chmas iymoni,
Erkin, yosh avlodlar senga zo‘r qanot!
Istiqlol mash’ali, tinchlik posboni,
Haqsevar, ona yurt, mangu bo‘l obod!

G a ý t a l a m a :

Oltin bu vodiylar — jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

# GARAŞSYZ WATANYM – ÖZBEGISTAN

Her bir adamyň doglup önüp-ösen ýeri onuň eziz we mähriban watany hasaplanýar. 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Özbegistan Respublikasy öz garaşsyzlygyny kabul etdi. Biziň watanymyzda garaşsyzlyk baýramyny dabaraly belläp geçýärler.

Biz Özbegistan ady bilen dünýä meşhur bolan gözel watanda ýaşaýarys. Onda ýap-ýaşyl jülgeler, belent daglar, derýa we köller bar. Şäher we obalary barha owadanlaşýar. Özbegistanda on iki sany welaýat we Garagalpagystan Respublikasy bar. Olar Andijan, Nowaýy, Surhanderýa, Buhara, Namangan, Kaşgaderýa, Fergana, Samarkant, Daşkent, Jyzzah, Syrderýa, Horezm welaýatlarydyr.

Ummasyz giň ülkämize seýle çyksaň gülzara öwrülen baglar diýseň gözüňi guwandyrýar.

Mähriban Özbegistanymyzda dürli millet wekilleri ýaşaýarlar. Olaryň köpçüligi biziň watanymyzda doglup ösendirler.

Biz watanymyzda ýaşaýan ähli millet çagalary bilen dost bolup, parahat ýaşamagy isleýäris.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygy haçan kabul edildi?
2. Biziň watanymyz nähili atlandyrylýar?
3. Özbegistanda näçe sany welaýat bar?
4. Biziň watanymyzda haýsy millet wekilleri ýaşaýarlar?
5. Watan baradaky nakyllary ýatlaň.

*G. WELBEGOW*

## WATAN HAKDA

Bir ýany Syr derýa,
Bir ýany Aral.
Çölünde ýaýnaýar,
Keýikdir, maral.

Gyş – u – ýaz
gözel,
Göwnüň joşa geler,
Düzersiň gazal.

*Goşgyny ýatlaň.*

## BILIMLER GÜNI

Ikinji sentýabrda garaşsyz Özbegistan döwletimiziň ähli mekdeplerinde okuw başlanýar. Tomus kanikuly döwründe okuwçylar gowy dynç alýarlar. Olar gür baglyga bürenip oturan garaşsyz Özbegistan döwletimiziň paýtagty bolan Daşkent şäheriniň sagaldyş meýdançalarynda wagtlaryny şatlykly geçirýärler. Sagaldyş meýdançalaryň

golaýyndaky fabrik-zawodlara ekskursiýa gidýärler. Işçileriň işleýişleri we olaryň öndürýän önümleri bilen tanyş bolýarlar. Özleriniň başarjak we güýçleriniň ýetjek işlerinden olara kömek berýärler.

Okuwçylaryň birnäçesi Daşkent, Hywa, Buhara, Samarkant ýaly şäherlere ekskursiýa gezelenje gidýärler. Olar muzeýlere, haýwanat bagyna barýarlar. Şäherleriň owadan, gözel ýerleri bilen tanyşýarlar. Okuwçylar tomus kanikulyny şatlykly geçirip täze güýç bilen okuwa başlaýarlar. Özleriniň gören-eşiden zatlary barada biri-birine we ata-enelerine gürrüň beryärler.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Täze okuw ýyly haçan başlanýar?
2. Siz kanikul döwründe nirede bolduňyz?
3. Tomus kanikulyny nähili geçirenligiňiz barada gürrüň beriň?

## DAŞKENT

Daşkent – Özbegistanyň paýtagtydyr. Ol uly, owadan, medeni we abat şäher.

Daşkentde owadan we köp etažly jaýlar, «Istiqlol» we «Türküstan» saraýlary, muzeýler, kitaphanalar, teatr we kinoteatrlar, stadionlar, seýil baglary bar.



Hemme ýer owadan güllere bürenen. Fontanlardan dury suwlar çüwdürip durýar. Olar şäheri ýene-de gözelleşdirýär.

Daşkentde çagalar üçin örän owadan gurjak teatry bar. Onda dürli tomaşalar görkezilýär. Müňlerçe mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda ýaşlar bilim alýarlar.

Ynha garaşsyzlyk meýdany. Ol şäheriň görküne görk goşýar. Bu ýerde baýramçylyk tomaşalary geçirilýär.

Paýtagtda telestudiýa bar. Şäheriň merkezinde ýerleşen, dünýä meşhur telebaşnýa respublikamyzyň uzak şäher we obalarynda ýaşaýan ilata telewizor görmäge mümkünçilik döredýär. Daşkendiň köçelerinde dürli transport gatnaýar. Şäher aeroportyndan dünýänüň köp ýurtlaryna samolýotlar uçýar.

Daşkentde iki sany demir ýol wokzaly bar. Olardan ýurdumyzyň dürli taraplaryna otlular gatnaýar.

**Soraglar:**

1. Daşkent nähili şäher?
2. Näme üçin Daşkendi parahatçylyk we dostluk şäheri diýýäris?

## DAŞKENT METROSY

Ýerasty demir ýoluna metro diýilýär. Siz özi ýöreýän basgançaklar arkaly metronyň ýerasty stansiýasyna düşüp bilersiňiz. Ol ýerde otlular yzygider gatnaýar.

Daşkent metrosy örän owadan. Stansiýalar dürli milli nagyşlar bilen bezelip, ýüzlerçe çyralar yşyklandyryp dur. Owadan we tämiz stansiýalar hemişe köp adamlydyr. Ylaýta-da Garaşsyzlyk meýdany, Özbegistan, Hamza, Hamid Alymjan we Çilanzar stansiýalary has-da owadandyr.

«Pahtakor» stansiýasyndan «Özbegistan» ýoluna geçilýär. Bu ýoldan Daşkent, Aýbek, Kosmonawtlar ýaly stansiýalara barylýar.

Metronyň çalt ýöreýän otlulary daňdandan ýary-gijä çenli dyngysyz gatnaýar. Adamlary gerek ýerine derrew eltýär.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Metro näme?
2. Daşkent metrosy barada gürrüň ediň?
3. Haýsy stansiýalaryň atlaryny bilýärsiňiz?

*Ata ATAJANOW*

## MEN WATANYŇ BALASY

*(Goşgy gysgaldylyp alyndy)*

Men Watanyň balasy,
Gaýgysyz-gamsyz ösýän.
Şatuduň depesinde,
Gurçuga çybyk kesýän.

Islendik kitabymy,
Elmydam okap bilýän.
Edil gelnejem ýaly,
Hem haly dokap bilýän.

Ejeme ot ýygyşýan,
Ejeme süýt sagyşýan,
Bagymyzda bägülden,
Täze çemen boguşýän.

Mawy asman meniňki,
Mawy umman meniňki.
Bütin barlyk, gözellik,
Gözel zaman meniňki.

*Goşgyny ýat tutuň.*

*N. ARIFJANOW*

## WATAN

Ýaşa sen azat Watan,
Äleme meşhur Watan.
Gazandyň garaşsyzlyk
Indi döwran sür Watan.

Ýaşa sen azat Watan,
Äleme meşhur Watan,
Zähmet bilen gujagyň,
Boldy çemen gül Watan.

Ýaşa sen azat Watan,
Äleme meşhur Watan.
Biz çagalaň bagtyna,
Mydam şeýdip dur Watan.

*Goşgyny ýat tutuň.*

*A. ATABAÝEW*

## ÜLKÄM MENIŇ

Gardan ak, gunduzdan ak,
Aýdan ak pagta bizi
Ýetirýär ýeňişlere,
Ýetirýär bagta bizi.
Çöllere baý, sazlara baý,

Pagta baý ülkäm meniň.
Güller açýan meýdana,
Bagta baý ülkäm meniň.

*Goşgyny labyzly okaň.*

*M. GARRYÝEW*

## ENE WATAN

Ýumşuň bar, et diýse,
Oýna diýse ýat diýse,
Ýüzüm çytman hoş diýýän,
Enem nirä git diýse.

Gelejegime garasam,
Össem öňe ýöresem,
Armanym ýok Watanymyň
Men ýumşuna ýarasam.

Watan meniň janymdyr,
Damarymdyr ganymdyr,
Abraýym, gaýratym,
Şöhratymdyr şanymdyr.

*Goşgyny ýatlaň.*

## KERNEÝÇI ŞA

Geçmişde Jahangir atly bir şa bolupdyr. Ol örän şadyýan we düşbi bolup, ýaşlygyndan kerneý çalmagy öwrenipdir.

Günleriň birinde onuň ýurduna tötänden talaňçylar çozupdyr. Jahangir şa bu habary eşiden badyna, saraýyň iň beýik minarasyna çykyp talaňçylar tarapa seredipdir. Talaňçylar edil gara bulut ýaly inip gelýän eken. Jahangir şanyň bolsa goşunlary örän azdy. Şonda şa özüniň sungatyny ulanypdyr. Ýagny şäherdäki ähli kerneýçileri çaltlyk bilen ýygyp, belent minara toplapdyr. Özi-de kerneýini alyp hemmesi bile çalmagy buýrupdyr. Ýüze golaý kerneýiň sesi bütin älemi sandyradypdyr. Şonda talaňçylar näme bolýandygyny aňman, aljyraşyp yzyna seretmän gaçyp başladylar. Muny gören kerneýçiler kerneýini ýene-de batlyrak çalypdyrlar. Şeýdip, düşbi kerneýçi şa öz sundaty we ussatlygy bilen ýurduny we halkyny talaňçylardan saklap galypdyr.

**Soraglar:**

1. Jahangir şa duşmany ýeňmegi nähili rejeleşdiripdir?
2. Ol ýurdy talaňçylardan nähili saklap galypdyr?

*B. HUDAÝNAZAROW*

## ENE TOPRAK

Al-asmandan seni küýsäp,
Seredýärin Ýerim saňa.
Siňdi göbek ganym saňa
Siňdi maňlaý derim saňa.
Görküň aýry, ene toprak,
Ryskym mydam sende bolsun
Gerek bolsa seniň üçin
Baş goýmadyk gende bolsun.

Uçsam diýdim, uçdum ine,
Ýetýär oňa meniň erkim.
Ýöne welin, aýlap-ýyllap,
Üzülmesin senden örküm.

*Goşgyny labyzly okaň.*

*A. NOWAÝY*

## HEKAÝAT

*(«Saddy Iskenderiý»-den)*

Hat daşaýan bir kepderi bolupdyr. Ol ganat kakyp perwaz edende uzak aralyga togtaman uçup biler eken. Biçäre guş günleriň birinde bir patyşanyň duzagyna

düşýär we ganatlary, guýruklary şikeslenýär. Patyşa kepderä agyr zulum edip ony kapasada saklaýar. Bir gün ol kapasadan gutulýar we şat bolup öz ýurduna tarap uçýar. Bu bagtly guş birnäçe günlük ýoly gysga wagtda geçdi. Emma zamanyň zulmy bilen guşuň öýi haraba öwrülipdir. Kerderi öýüni tapyp bilmän köp aýlanýar. Köp adamlar ony däne saçyp tutmakçy bolýarlar.

Kepderi bolsa dänelere seretman öz öýüni agtarmagy dowam edýär we ahyrsoňy özüniň haraba öwrülen öýüni tapýar we myrat-maksadyna ýetýär.

Eger üns beren bolsaňyz, hatda guşa-da özge gözel köşklerden öz harabasy eý görnüpdir.

**Soraglar:**

1. Kepderi nirä uçup barýardy?
2. Kepderi uçup barýarka nähili waka boldy?
3. Adamlar näme etmekçi boldular?
4. Hekaýat nähili tamamlanýar?

*Polat MÖMIN*

## HUMAÝ GUŞY



Başa gonduň,
Perwaz eýläp.
Ilim-ýurdum
Hormat eýläp.

Asman guşum,
Akyl guşum.
Görmegeýim,
Humaý guşum.

Garaşsyzlyk
Başlap berdiň
Nyşanysyň
Täze döwran

Öwşün atýan
Gülle ýene-
Ykbalymsyň
Özbegistan.

*Goşgyny labyzly okaň.*

*S. ABAÝEW*

## ATA WATAN

Türkmenler öz dogduk mekanyna «Ata watan» topragyna bolsa «Ene toprak» diýýärler.

Güneşli ülkämiziň obalary, şäherleri, daglary, çölleri we derýalary, bir söz bilen aýdanymyzda ähli zady – Watanymyzdyr. Eýsem watan näme? Ol her bir adamyň

göbek ganynyň daman ýeridir. Türkmenleriň döwleti Türkmenistandyr. Ýurdumyzda doglanlaryňky bolsa Özbegistandyr. Biz türkmenler, eziz watanymyz Özbegistanyň gülläp ösmegi, asudalygy bu ýurtda ýaşaýanlaryň doganlyk-dostlugyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin alada etmelidiris.

Döwleriň tebigaty dürli-dürli. Bir ýurtda sowuk buz bolsa beýlekisinde çöllük ýa-da daglyk.

Ata babalarymyz «Müsürde şa bolandan, öz iliňde geda bol» diýip ýöne ýere aýtmandyrlar.

Okuwçylar, watanymyz Özbegistany söýüň!

**Soraglar:**

1. Biziň watanymyz haýsy ýurt?
2. Watany söýmek üçin näme etmeli?
3. Sen öz ýaşaýan watanyňy söýýärmiň?

*B. DÖWLETOW*

## WATAN NIREDEN BAŞLANÝAR

Watan her adamyň öz dogduk mekanyndan başlanýar, has takygy, ol bosagadan başlanýar. Özüni gurşaýan gurşawy gözüne yssy we mähirli bolup görünýär. Watany gözüň göreji ýaly gorap saklamaly. Sonuň



üçin, okuwçylar, siz ozaly bilen ata-eneleriňiziň öwüt-nesihatlaryna üns berip okamaly, işlemeli we döretmeli.

Biziň watanymyz Özbegistan baý ýurtlaryň biridir. Ülkämiziň daglaryny, baýyrlaryny, gumlaryny, gyrlaryny, jeňňellerini, derýalaryny bäş barmagyň ýaly bilmeli. Ýer astyndaky we ýer üstündäki alynýan baýlyklaryň hemmesi seniňki. Ol Özbegistanda ýaşaýan ähli halklaryň emlägidir.

Zawodlaryň, fabrikleriň, uly we kiçi kärhanalaryň önümleri hem seniň baýlygyňdyr.

Güneşli Watanymyz Özbegistanyň gülläp ösmegine goşant goşmak, seniň mukaddes borjuňdyr. Her kim öz borjuna düşünip işlese, Watanymyz has kuwwatly, gözel we pugta bolar.

**Soraglar:**

1. Watan nireden başlanýar? Sebäbini düşündiriň.
2. Ata-eneleriňiziň aýdanlaryny ýerine ýetirmek bilen siz Watana nähili ýardam berip bilersiňiz?
3. Haýsy zatlar seniň öz emlägiň we nämeler seniň borjuň bolýar?

# ALTYN GÜÝZ — HASYLYŇ ÝÜZ



Gelse bu pasyl,
Alynýar hasyl,
Pagta ýygylýar,
Bu haçan bolýar?

*T. ADAŞBAÝEW*

## GÜÝZ

Ýene geldi güýz pasly,
Baglaň reňki zerlendi,
Çar tarapda gözellik,
Ýaplarda suw durlandy.

Ak ýektaýly derekler,
Dakdy ýene zer baldak,
Guşlara gep taýynlap,
Çyr-çyrlaýar zargaldak.

Gözýetim güle meňzeş,
Baglardan reňk alar.
Güýzüm hoşlaşyp bu gün
Seçer altyn teňňeler…

*Goşgyny labyzly okaň.*

## GÜÝZ

Güýzüne howa salkynlaýar. Ýagyş ýagýar. Ýazda we tomusda baglardaky, köçelerdäki göm-gök ýapraklara basyrylyp daş-töweregi owadanlap oturan agaçlaryň ýapraklary saralyp ýere dökülýärler. Indi olaryň öňki owadanlyklary, görkleri gaçyp (aýrylyp) ýalaňaçlanan ýaly bolup galýarlar.

Güýzde pagta agarýar. Daýhanlar pagta ýygmaga başlaýarlar. Ýokary synp okuwçylary-da okuwdan soň, olara pagta ýygmaga kömek berýärler. Pagtany zaýa etmän öz wagtynda ýygyp gutarýarlar.

Güýzüne daýhanlar geljek ýylyň ekişi-ne-de taýýarlyk görýärler. Olar ekin

ekiljek ýerlerdäki haşal otlary we hapa çöpleri ýygyp arassalaýarlar. Olar ýerleri tekizleýärler, dökün dökýärler, suwarýarlar we sürüp goýýarlar. Şolar ýaly işleri ýerine ýetirip, daýhanlar geljek ýylyň ekişine gowy taýýarlyk görýärler.

## *Nakyl:*

Ýeri güýz sür.
Güýz sürmeseň, ýüz sür.

**Soraglar:**

1. Güýz paslyna haýsy aýlar girýär?
2. Näme üçin güýzde agaçlaryň ýapraklary saralyp ýere gaçýar?
3. Sen haýsy pasly oňat görýärsiň?

*A. WELLATOW*

## GÜÝZ AÝYNDA

Howa örän salkyn bolar,
Daýhanlar kän hasyl alar.
Ýapraklaryň reňki solar,
Wagty gelip, güýz aýynda.
Hasyl ýygnap türkmen ili,
Günbe-günden öser haly.
Ak pagtalar sümek ýaly,
Açylyşar güýz aýynda.

Gawunlardan kak ederler,
Hem gaýnadyp sök ederler.
Ýygym işin tükederler,
Şatlanyşyp güýz aýynda.

Babadaýhan güýzlük eker,
Toplum-toplum işe çykar.
Ýerler sürüp çiller çeker,
Höweslenip, güýz aýynda.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## GÜÝZDE

Güýzde alma, armyt, garaly, üzüm we başga miweler bişýärler. Gök önümlerden: pomidor, käşir, sogan, şugundyr, bolgar burçy, badamjan we başgalary-da bişýärler. Daýhanlar bişen miweleri we gök önümleri ýygnaýarlar. Biz hem okuwdan soň daýhanlara miweleri we gök önümleri ýygnaşýarys.

Daýhanlar ýygnalynan miweleri we gök önümleri şäherlerde ýaşaýan adamlar üçin bazarlara iberýärler.

Daýhanlar miweli agaçlaryň guran we döwülen şahalaryny kesip aýyrýarlar. Olary

suwarýarlar. Hatar aralaryny we düýplerini depip agdarýarlar, ýumşadýarlar.

**Soraglar:**

1. Sen nähili miweleri bilýärsiň?
2. Olar haçan bişýärler?
3. Daýhanlar bişen miweleri nirä iberýärler?

*B. KULIÝEW*

## GÜÝZ

Öwüsýär, ine
Salkynja şemal,
Güýzüň gelenni,
Buşlap ähtimal.

Gozalar açylýar,
Edil ak patrak.
Gowaçaly meýdan,
Görünýär ap-ak.

Bakjada gawun,
Garpyzlar bişýär.
Bagda miweler
Şahadan düşýär.

Ulular üýşüp,
Ýygýarlar hasyl.
Bizem kömege,
Barýas şol pasyl

*Goşgyny labyzly okaň.*

*Isa ARAZOW*

## OBANYŇ GELŞIGI

Meýdanyň ot-çöpi eýýäm gurap giden-de bolsa, obany iki bölýän giň ýabyň raýyşlary gök çaýyrlykdy. Obanyň ekerançylygyny suwa ýakýan bu ýap obanyň gelşigidi. Onuň iki gyrasynda uly-uly toraňňyllardyr

söwütler howalanyp otyrdylar. Günortanyň yssysynda guşlaryň hemmesi şu baglara siňýärdi.

Ýaplar dolup akýar. Oglanlar yssyda salkyn ýerleri agtarýar. Sowuk suwuň lezzeti aýry. Oňa bir girseň, asyl çykasyň hem gelmeýär. Güýzüň başlarynda şeýle yssynyň bolýan wagtlary-da bolýar.

## AWÇY WE ONUŇ AGTYGY

Güýz günleriniň biridi. Durdy mergen eşekli awa gitdi. Ol özi bilen agtygy Saryny hem alyp gitdi. Bular beýik daga bardylar. Dagda sowuk suwly çeşmeler, gök öwüsýän baglar köp. Durdy mergen otlap ýören keýikleri gördi. Olary atjak boldy. Emma Sary atasyna ýalbardy:

– Ata, atmasana. Gör, olar nähili owadan! Ýöne synlap oturmaly.

Durdy mergen keýikleri atmady. Soňra olar öýlerine gaýtdylar.

**Soraglar:**

1. Awçy we onuň agtygy nirä gitdi?
2. Olar näme gördüler?
3. Sary atasyna näme diýdi?

## GUMDA

Gün günorta ýerine bardy. Saparmyrat aga bilen Durdy birneme ýadadylar. Bular bir ýerde saklandylar. Saparmyrat aga Durdyny eşekden düşürdi. Eşegi duşady, ony otluk meýdana goýberdi. Çaý gaýnatmaga başlady. Durdy çaý gaýnaýança depeden-depä ylgady, hezil edip oýnady. Çaý gaýnady. Saparmyrat aga Durdyny çaýa çagyrdy. Olar çaý içdiler. Dem-dynçlaryny aldylar soňra ýene-de ýola düşüp ugradylar.

*Hekaýanyň mazmunyny gürrüň beriň.*

## DAÝHANYŇ MASLAHATY

Gadym zamanda bir daýhan bar eken. Ol garrap işden galypdyr. Soňra ol iki ogluny ýanyna çagyryp:

– Men garrap, san-saladan galdym, siz hor ýaşamaň. Ähli zatlarymy size paýlaýan hem-de bir maslahat bereýin. Şol maslahaty pugta berjaý ediň. Eger siz meniň şol maslahatymy berjaý etseňiz, hiç haçan hor bolmarsyňyz, diňe bagtly hem, abraýly bolarsyňyz. Siz hiç hili işden

gorkmaň. Zähmet bar ýerde rähnet bardyr. Siz arassa zähmet bilen eklenmelisiňiz. Ine şonda siziň işiňiz rowaç bolar. Doýa iýersiňiz hem ýyly geýersiňiz. Öz halkyňyza, ýurduňyza wepaly boluň!

Meniň aýdanlaryma düşündiňizmi, balalarym? – diýipdir.

**Soraglar:**

1. Daýhan ogullaryny çagyryp näme diýipdir?
2. Daýhan zähmet barada näme diýipdir?
3. Teksti okaň we gürrüň beriň.

## AJAÝYP PASYL

Howa sowap başlady. Säher turup gök öwsüp oturan otlara seretseň onuň üstüne düşen çyg bulduraşýar. Daşarda köýnekçe gezip bolanok. Munuň özi güýz paslynyň tebigatyna mahsus. Tebigat egnine sary çäkmen atan goja çalym edýär.

Agaçlar bütin bahar we tomus günlerinde özüne howandar bolan ýaşyl ýapraklary bilen hoşlaşýar. Diýmek güýz alamatlary hemme ýerde mese-mälim bolup dur. Güýz paslynyň ynsan üçin taryhy aýratynlyklary bar. Bu pasylda miweler ýetişýär. Gök we bakja ekinleri bişýär. Pagtalar

açylyp atyzlar egnine ak ýorgan atan ýaly bolýar. Daýhanyň-da, çarwanyň-da mahlasy dürli kärdäki adamlaryň aladasy özüne ýetik. Ýetişen hasyly tiz we zaýa etmän ýygnamaly.

Güneşli Özbegistanymyz altyn güýzi XXI asyra gadam basmak bilen garşylaýar?

**Soraglar:**

1. Güýzde howa nähili bolýar?
2. Güýzde nämeler ýygylýar?
3. Güýz paslynyň tebigaty barada gürrüň edip beriň.

*N. BAÝRAMOW*

## GÜÝZÜŇ SOŇY

– Ýaprak gaçýar, ýaprak gaçýar! –
Diýip kirpijikler gaçýar.

Aýdaýsana kirpijik,
Gaçmaňda bolanokmy?
– Ýaprak gaçýar, senem gaç
Gyş gelýär bileňokmy?

Gaçmasaň ýoldan sowul,
Saklama how sen bizi.
Ýapraklar ýoly basar,
Tapmarys soň öýmüzi.

*Goşgyny labyzly okaň.*



*I. KRYLOW*

## TILKI BILEN ÜZÜM

*(Basnýa)*

Baga girdi aw agtarýan aç tilki,
Sallanyşyp görünýär, salkym üzümler,
Tilkiniň gözleýşi ymsynşy gülki,
Ýakut deý, şireli düzüm üzümler.
Ýaman ýeri, asylşyp dur asmanda
Ýetip biljek däl ol towsup zyňanda.
Gözi onuň görse-de
Dişi ýetmeýär eýsemde.
Bir sagatlap nähak ýere urundy.
Ondan soňra ýöräp diýdi naýynjar:
«Päheý! Ozal oňat bolup göründi,
Göm-gök otlarheniz oňly bişmändir,
Iýseň derrew dişleriňi gamaşdyr».

*Basnýany labyzly okaň.*



# EŞEK BILEN ÝABY

Bir adamyň bir eşegi we bir ýabysy bar eken. Olar üsti ýükli ýol bilen barýar ekenler. Eşek ýaba:

«Meniň ýüküm agyrlyk edýär, hemmesine güýjüm ýetjek däl, azajygyny götermäge kömek ber» diýipdir. Ýaby onuň diýenini etmändir. Eşek bolsa, ýüküniň agyrlygyndan ýykylyp ölüpdir. Eýesi eşergiň bar ýüküni üstesine onuň hamyny-da ýabynyň üstüne ýükläpdir. Şonda ýaby puşman iýip:

«Wah, men bir betbagt, görgüli, biçäre bolsam nätjek! Onuň ýüküni azajyk hem ýeňledäýmedimdä, indi bolsa hemme ýüki we onuň üstesine eşegiň hamyny hem göterip barýaryn» diýipdir.

## *Nakyl:*

Söýenişen ýykylmaz,
El eli ýuwar, iki el birigip ýüzi ýuwar.

**Soraglar:**

1. Eşek näme üçin ýabydan kömek sorapdyr?
2. Ýaby näme üçin ökünipdir?

## BIZIŇ TEBIGY BAÝLYKLARYMYZ

Daglar, tokaýlar, Gyzylgum çöli onda ýaşaýan haýwanlar, ösýän ösümlikler we gazylyp alynýan magdanlar we çykarylýan nebit, gaz respublikamyzyň esasy tebigy baýlygydyr. Amyderýa, Syrderýa, Aral deňzi, köller, howdanlar we onda ýaşaýan balyklar, guşlar hem tebigy baýlykdyr. Bu baýlyklar Halk hojalygynyň esasydyr. Olar biziň ýaşaýşymyz üçin uly ähmiýete eýedir. Döwletimiz tebigaty goramak boýunça uly alada edýär. Tokaý agaçlaryny çapmak, aw awlamak we balyk tutmak düzgünlerini bozýanlara garşy göreş alnyp barylýar.

Tebigy baýlyklary köpeltmek hem ösdürmek boýunça hem iş alnyp barylýar. Zapowednikleriň sany artýar. Ol ýerlerde haýwanlaryň guşlaryň sany köpeldilýär, ösümlikleriň meýdany giňeldiýär. Mekdep okuwçylary hem tebigy baýlyklary goramak işine aktiw gatnaşýarlar.

**Soraglar:**

1. Biziň tebigy baýlyklarymyza nämeler girýär?
2. Tebigy baýlyklary goramak boýunça nähili işler edilýär?

## NEBSEWÜR SYÇAN

*(Erteki)*

Bir bar eken bir ýok eken. Bir obada bir daýhan adam bar eken. Ol daýhan ýerine bugdaý ekip, her ýyl köp hasyl alar eken. Alan bugdaýlaryny çuwallara gapgaryp goýar eken. Çuwallaryny hem öýüň dulunda söýäp goýar eken.

Bir günden bir gün şol bugdaýly çuwallaryň arasynda iki sany syçan hin gazypdyrlar we çuwallary deşip, içindäki bugdaýdan hinlerine çekip başlapdyrlar. Olar hinleriniň iki-üçüsini doldurypdyrlar.

Şonda olaryň biri:

– Gel dost, indi bes edeli. Şunymyz bilen hem arkaýyn gyşdan çykarys. Galanyny hem soň görer ýöreris-dä – diýipdir.

Onda ýoldaşy:

– Ýok, beýle däl. Üstünden gelen wagtymyz ömrümiz ötýänçä iýrligimizi edineli-diýýär.

Beýleki ýoldaşy bolsa oňa:

– Ýok – beýle däl gardaş. Her bir zadyň çaky bar. Ýogsam, käbir nebsine buýrup bilmän, ahyry bir bela duçar bolýanlar ýaly, biz hem pälimizden tapaýmaly.

Birden daýhan bilse, bu alanlarymyzdan hem dynarys diýýär.

Onda beýleki nebsewür syçan:

– Gorkmasana dost bilesi ýokla, bardygeldi bilende-de bir deşikden girip, beýlekiden çykarys – diýipdir.

Onda ýoldaşy:

– Ýok dost – eger sen ýene aljak bolsaň, onda men bu ýerden gitjek – diyip hinine girýär-de ýatyberýär. Beýleki syçan bolsa:

– Gitseň gidiber, menä aljak – diýip ýene-de galla çekmäge başlaýar.

Bir gün daýhan haraza gitjek bolup, çuwallaryny barlap görse, düýbi deşik eken. Onsoň ony syçanlaryň edendigini bilip olaryň gelýän ýoluna gapan guryar. Hälki nebsewür syçan ýene bugdaý daşamaga gelýär weli gapana düşýär. Beýleki syçan bolsa aman galýar. Sabyr kanagaty gidip, gözi zatdan doýmadyk syçan bolsa, nebsiniň ugrunda ölüp galýar.

**Soraglar:**

1. Daýhanyň bugdaýyna näme ogurlyga düşýär?
2. Syçanlaryň biri-birine maslahaty nähili bolupdyr?
3. Haýsy syçan gapana düşüpdir?
4. Näme üçin oňa nebsewür syçan diýipdirler?

*Ertekini gürrüň beriň.*

# BAGTYM MEKANYM – MEKDEBIM,
# GÜNEŞ NURUM – KITABYM



## MEKDEPDE

Her gün ertir ir bilen,
Ak mekdebe barýan men.
Garşylaýar mugallym,
Oňa salam berýän men.

Soňra başlanýar sapak,
Hemmeler otyr ümsüm.
Gürrüň berip başlansoň,
Mugallym çekýär ünsüň.

Geçer durar sapaklar,
Hemmä ýarar jaň sesi.
Şol jaň bilen başlanýar,
Sapaklaryň hemmesi.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## DURDY

Durdy ikinji synpda okaýar. Ol okuwdan bir gün hem galmaýar. Durdy mekdepde özüni örän tertipli alyp barýar. Sapakda mugallymyň aýdýan zatlaryny üns bilen diňleýär. Ol sapaklaryndan diňe bäşlik alyp okaýar. Ol depderlerini arassa saklaýar, hatyny owadan ýazýar. Mekdepden geleninden soň arassa howada oýnaýar, dynç alýar. Soňra öýe berlen ýumuşlary



ýerine ýetirýär. Kitap okaýar, ejesine-de kömek berýär.

*Teksti okaň we gürrüň beriň.*

## ÖKDE DURDY

Durdy okuwa
Höwesli gaty.
Göwnüň göterýär,
Keşde dek haty.

Tertipli gezýär,
Mekdepde daşda.
Görelde boldy,
Okuwda, işde.

**Soraglar:**

1. Durdy özüni nähili alyp barýar?
2. Ol sapak wagtynda nähili oturýar?
3. Durdy okuw esbaplaryny nähili saklaýar?
4. Ol mekdepden gelip näme işleýär?

## ÜÇLÜK BAHA

Jeren matematikadan üçlük baha aldy. Ol gaty gynandy. Okuwçylar hem muňa geň galdylar. Jeren häzire çenli üçlük baha almandy.

– Jeren, sapaga näme üçin gowy taýýarlyk görmänsiň? – diýip, mugallym soraýar. Emma Jeren jogap bermedi.

Okuw gutarandan soň, mugallym okuwçylary gara mallar fermasyna ekskursiýa äkidýär. Ferma müdiri Anna aga okuwçylary mähir bilen garşy aldy. Olar fermadaky sygyrlaryň sagylyşy, sagymçylar barada gürrüň berdi.

Anna aga Jereniň ýüzüne mähirli bakyp şeýle diýdi:

– Jereniň ejesi hem fermada sagymçy bolup işleýär. Mallara ot berýär, ýatagy arassalaýar. Ynha düýn agşam şeýle waka boldy – diýip, Anna aga Sabyr sagymçynyň syrkawlap işe gelip bilmändigini, Jereniň ejesi bilen onuň hem sygyrlaryny sagandygyny, öýlerine giç gaýdandygyny gürrüň berdi.

Okuwçylar şondan soň Jereniň näme üçin üçlük baha alandygyny bilip galdylar.

**Soraglar:**

1. Jeren matematikadan näçelik baha aldy?
2. Okuwçylar sapakdan soň nirä ekskursiýa gitdiler?
3. Anna aga näme hakda gürrüň berdi?
4. Jeren näme üçin üçlük baha alypdyr?

# KITAPHANA

Biziň mekdebimizde kitaphana bar. Kitaphanada her hili kitaplar köp. Biz kitaphanadan köp kitap alýarys. Men köp kitap okaýaryn. Kitap maňa köp zatlary öwredýär. Kitap biziň dostumyzdyr. Kitaby köp okamak gerek. Okuwçylar kitaby aýawly saklaň! Çünki kitap bilimiň çeşmesidir.



## Soraglar:

1. Siziň mekdebiňizde kitaphana barmy?
2. Sen kitaphanadan kitap alýarmyň?
3. Sen haýsy kitaplary okadyň?

## *Nakyl:*

Köp ýaşan köp bilmez,
Köp okan biler.

*K. SABIROWA*

## MEKDEBIM

Salam ene mekdebim,
Geldim men gujagyňa.
Mähir goýup diňleýän,
Barýan her sapagyňa.

Salam ene mekdebim,
Baş egýän deňäp didä.

Dilim teşne ylyma,
Okamak maňa kada.

Salam, ene mekdebim,
Öwrenip alym bolaýyn,
Hyzmat edip ilime,
Guwanç şöhrata dolaýyn.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## BIZIŇ SYNPYMYZ

Biz ikinji synpda okaýarys. Biziň synpymyzda ýigrimi sekiz okuwçy bar. Biz synpymyzy arassa saklaýarys. Oturýan partalarymyzy hapalamaýarys. Synpymyzda her gün iki okuwçy nobatçylyk edýär. Biz mugallymymyzyň aýdanlaryny doly ýerine ýetirýäris. Biziň synpymyzyň aýnalarynyň

agzynda köp küýzeli güller bar. Biz ol güllere suw guýýarys, seredýäris. Biziň synpymyzyň okuwçylary tertipli.

**Soraglar:**

1. Siz näçenji synpda okaýarsyňyz?
2. Siziň synpyňyzda näçe okuwçy bar?

*Ş. SATMATOW*

## MEKDEP

Ol iki gatly owadan jaý biziň mekdebimizdir. Ol giň giden bir obanyň ortasynda ýerleşýär. Biz mekdebimiziň daş-töweregini hemişe we hemme wagt arassa saklaýarys.

Biziň mekdebimizde oňat sport meýdançasy, oňat baglar bar. Mekdebimiziň synplary arassa hem ýagty. Biziň mekdebimiziň bagynda her hili miwelerden alma, üzüm, garaly, ülje, behi ýaly miweleriň



birnäçe görnüşleri bar. Mekdebimizde köp okuwçylar bilim alýarlar, terbiýe alýarlar.

**Soraglar:**

1. Siziň mekdebimiz näçe gatly?
2. Siz mekdebiňizi nähili saklaýarsyňyz?
3. Siziň mekdebiňizde sport zaly barmy?

## OKUW ÝYLY

Her ýylyň täze okuw ýyly sentýabr aýynda başlanýar. Maý aýynda bolsa gutarýar. Bir okuw ýylynda dört çärýek bar. Häzir okuw ýylynyň birinji çärýegi dowam edýär. Iýun, iýul, awgust aýlarynda çagalar dynç alýarlar. Olar tomus kanikulynda lagerlerde, sagaldyş meýdançalarynda bolýarlar. Okuw ýylynyň her çärýeginiň arasynda kiçijik dynç alyş günleri, kanikullar bar. Bir ýylda on iki aý bolýan bolsa okuwçylar olaryň dokuz aýyny okaýarlar. Ilkinji jaň sesi sentýabr aýynda kakylyar. Soňky jaň bolsa maý aýynyň ahyrynda kakylýar.

**Soraglar:**

1. Bir okuw ýylynda näçe çärýek bar?
2. Häzir ýylyň haýsy pasly, haýsy çärýegi?
3. Okuw ýyly haçan gutarýar?

*K. MUHAMMADI*

## OKUWÇA ÝATLAMA

Bolaryn diýseň bagban,
Ýa Watany goraýan.
Ýa asamana uçujy,
Ýa deňizde ýüzüji.
Näme etseň-de dileg
– Ählisine okuw gerek.
Okuwçy talap senden:
Mekdebe bar ir bilen,
Okuwa ber mähriňi,
Tüýs ýürekden zehniňi.

**Soraglar:**

1. Şahyr çagalara nämeleri maslahat berýär?
2. Haýsydyr bir hünäri eýelemek üçin näme etmeli?
3. Goşgyny ýat tutuň.

## KITAP

Kitap – hazyna bilim baýlyk. Kitap birnäçe ýyl öň peýda bolupdyr. Bu döwürlerde ol dürli-dürli bolupdyr. Kitap ilki laýdan ýasalypdyr. Soňabaka haýwanlaryň derisinden kitap ýasalypdyr.

Üstüne mum çalnan tagtalara ýazyp hem kitap taýýaplapdyrlar. Soňra ýüpek matalardan we ondan soň kagyzdan kitap ýasapdyrlar. Kitaplaryň görnüşi şekli her hili bolupdyr. Beýikligi bir ýarym metrden geçýän kitaplar hem bolupdyr. Ony bir adam göterip bilmez eken. Şeýle-de kiçijik kitaplar hem köp bolup, käbirleri kükürdiň gutusy hatda ondan hem kiçi bolupdyr.

Kitaplary çap etrmek hem – örän kyn iş. Onuň üçin köp adam zähmet çekipdir. Siziň üçin owadan kitaplary taýýarlaýarlar.

Kitaby çap etmek işi ýylsaýyn kämilleşýär. Öňler kitaplar çaphanalarda harp ýygylýan maşynlarda ýygylýardy. Indi bolsa kompýuteriň kömeginde aňsatja ýerine ýetirilýär. Soňra kitaphanalara iberilýär. Maşynyň özi kitaby sahypalaýar we dikýär. Siziň eliňizdäki owadan kitaplar çylşyrymly we akylly maşynlaryň kömeginde taýýarlanypdyr.

Çagalar, kitaplary aýawly saklaň! Kitap – bahasyna ýetip bolmaýan baýlykdyr.

**Soraglar:**

1. Kitaplar öňler nähili şekilde bolupdyr?
2. Kitabyň taýýarlanyşy nähili?
3. Kitap baradaky nakyllary aýdyň.

# ARZUWLAR

Derýa diýer – Çöller hem
Gül bolsun.
Gül bolsun.
Ene toprak diýr – Bugdaý däne
Bol bolsun,
Bol bolsun!

Nahar diýer – Ynsana
Bolelinlik edeýin.
Bolelinlik edeýin.
Gül diýer – Gören gözleri
Guwandyraýyn.
Guwandyraýyn.

Guşlar aýdar – Saýralyň
Çemende,
Çemende.
Çagalar diýr – Ýaýnalyň
Watanda,
Watanda.

Güneş diýer – Ene toprak
Güllesin
Güllesin.
Eneler diýr – Parahatlyk
Ýaşasyn,
Ýaşasyn.

Goşgyny labyzly okaň.

## MAÝYP KITAP

*(Gyzykly waka)*

Iki dost duşuşypdyr, şonda bularyň biri:

– Dostum, men bir gyzykly hekaýa okadym, aýdyp bereýinmi? – diýipdir.

– Aýt, aýdyber – diýipdir ikinjisi.

– Dört adam syýahata çykypdyrlar. Uzak ýöräpdirler. Azyklary, suwlary tükenipdir. Haraba öwrülen bir külbäni tapyp şol ýerde ýerleşipdirler. Şonda syýahatçylaryň biri:

– Biz nämede bolsa bir naharlanmaly – diýipdir. Men bir guşmy, haýwanmy awlap geleýin – diýipdir.

Ol biraz ýöränsoň öňünden bir äpet ýolbars çykypdyr. Syýahatçy gorkunjyndan gaçypdyr. Ýolbars hem aç ekeni. Şonuň üçin hem syýatçyny köp kowalapdyr. Syýahatçy indi külbä ýetende büdräp ýykylypdyr.

Hekaýa edýän dosty birden ýolbars... ýolbars... – diýip säginipdir.

– Dowam etsene, soň näme boldy? – diýipdir dosty örän gyzyklanyp.

– Aý, dostum, dowamyny bilsem-ä aýdardym, şol okan kitabymyň soňky sahypalary ýyrtylan eken-diýipdir.

– Be – haýsy nadan kitaby ýyrtypdyr? Kitap pahyr maýyp bolupdyra! Waka nähili tamamlandyka? – diýip gyzyklanyp sorapdyr dosty.

– Bilsemä aýdyp beredim, aýtdyma kitabyň sahypalary ýok! – diýipdir dosty.

Çagalar,hany pikir ediň hekaýanyň dowamyny belki özüňiz aýdyp berersiňiz.

**Soraglar:**

1. Syýahatçy nähili hadysa duş gelipdir?
2. Kitabyň ýyrtylan sahypalarynda nämeler ýazylan bolmagy mümkin?
3. Hekaýany okap gürrün beriň.

*Ýusuf ŞAMANSUR*

## MUGALLYMYM

Göz öňümde
Açdy dünýä
Mudallymym.
Ýollaryma
Saçdy şöhle
Mugallymym
Men çagakam
Ene kimin
Aladalanyp.

Ulaltdy ol
Meniň dana
Mugallymym.
Şägirtdirin.
Mydam taýýar
Hyzmatyňa,
Etse sähel
Yşaratyn
Mugallymym.

*Goşgyny labyzly okaň.*



**Soraglar:**

1. Mugallymy näme üçin hormat edýäris?
2. Mugallymyň nähili häsiýetlerini bilýärsiňiz?

## ALYŞIR BILEN BILBIL

Alyşir ýaşlygyndan akylly we zehinli oglan bolupdyr. Ol dokuz ýaşyndan goşgy ýazmaga türgenleşipdir.

Bir güni ol baga çykyp goşgy okapdyr. Onuň owazy şeýle bir ýakymly eken, hatda saýraýan bilbil hem bir sellem saýramasyny bes edip, pyr edip onuň egnine gonupdyr.

– Eý hoşowaz şahyr, owazyň neneň ýakymly. Bilbilleriň nowasyndan-da ýakymly eken. Adyň näme? – diýipdir.

– Men Alyşir, – diýip jogap beripdir ol.

– Bildim, bildim, ýaş şahyrsyň. Indi özüňe lakam saýla, – diýipdir bilbil.

Alyşire bilbiliň «nowa» diýen sözi örän ýakypdyr. Şondan soňra ol öz gazallarynyň aşagyna «Nowaýy» diýip ýazýan bolupdyr.

### Soraglar:

1. Alyşir nähili oglan bolupdyr?
2. Alyşir bagda bilbil bilen nämeler hakda gürrüňleşipdir?
3. Alyşir özine nähili lakam goýdy?

## ŞAHYR BILEN ŞA

Alyşir bilen Hüseýin çagalykdan bile ösüpdirler. Hüseýin çagalar bilen «uruş-uruş» oýnaýardy. Ata münüp, çapyksuwarlyk ederdi. Alyşir bolsa köp kitap okardy, goşgular ýazyp olary ýatlaýardy.

Olar bile ulaldylar. Hüseýin şa bolup tagta oturdy. Ony Hyrada şa edip belleýärler.

Alyşir bolsa şahyr boldy. Ol il ýurduň parahatçylygyny gaýgyrdy. Adamlara ýagşylyk etdi. Goşgularynda adalatlylygy wasp etdi. Alyşiriň ýazan goşgularyny hemmeler söýüp okaýarlar. Alyşir Nowaýy lakamy bilen ile tanaldy.

### Soraglar:

1. Alyşir çagalykdan nämä gyzyklanýar?
2. Hüseýin näme bilen meşgullanýardy?
3. Ulalansoň olar kim bolup ýetişdiler.

*Talyp ÝOLDAŞ*

## WAGTYŇ GADRY

Wagt hakda sözümiz kän
Aýdybersek,
Wagt ganymat maksat tarap
Barybersek.
Garap durman edibersek
Etmeli işi.
Wagtam çetde goýman
Tomsy hem gyşy.
Wagt – bagtdyr hem abraýyň
Sen bilseň.
Ol seň bilen, her bir işde
Işleseň.
Wagt sözüniň mazmunynda
Diňe bagtyň özi bar.

**Soraglar:**

1. Wagtdan dogry peýdalanmak näme üçin gerek?
2. Siz boş wagtynyzdan nähili peýdalanýarsyňyz?
3. Bagtly bolmak nämä bagly eken?

## MATALLAR



Yhlas etdim ak ýere,
Ekdim gögerdi gara.

Iberdim her bir ýere,
Özün etdi äşgäre.
(*Hat*)

Diwarda bar zor halym,
Onda ýaşar giň älem.
(*Karta*)





Özi bir garyş,
Dili müň garyş
(*Galam*)

Gezer suwda,
Ýaşar suwda.
Bütin ömri
Öter suwda.

Aýagy ýok
Gollary bar.
Teňňeleri –
Pullary bar.
Çümer gider,
Golaý gelseň.
Jigim onuň
Adyn bil sen.
(*Balyk*)



## MYRATJAN ŞERIP OGLY

Myratjan ýaş wagtynda kitap okamagy, saz diňlemegi, dürli maşynlary bejermegi

gowy görerdi. Ol entek mekdebe barmazdan öň kompýuterde işlemegi kružoklara gatnap öwrenýär. Mekdebe barandan soň bolsa kompýuterde özüniň düzen programmalary bilen işläp başlaýar. Mesele we mysallary çözmegiň aňsat usullaryny tiz öwrendi. Dostlaryna-da öwretdi. Onuň okaýan Daşkentdäki 84-nji mekdepde Myratjan atly synp döredildi. Myratjan synpynyň okuwçylarynyň ählisine kompýuterde işlemegi öwretdi. Onuň okaýan synpynda bäşlikçileriň sany barha artýar. Hatda konkurslarda hem bu synpyň okuwçylary ýeňiji boldular.

**Soraglar:**

1. Myratjan ýaşlykdan nämelere gyzyklanýar?
2. 84-nji mekdepde nähili synp döredildi?
3. Myratjanyň ady nähili meşhur boldy?

## MEKDEBIŇ BAGYNDA

Güýz gününiň säher çagydy. Baglar pessaýja öwüsýän şemala başlaryny egýärdi.

Mekdebiň öňündäki gyradeň ösen gowaçalar hem yranyşýar.

Tiz wagtda ýaşlar peýda boldular. Bular eglenmän, mekdebiň bagyny bejermäge




girişdiler. Ýaşlaryň joşgunly zähmeti barha güýjedi. Mekdebiň okuwçylary hem sapaklaryny okap gutaransoňlar janlaryny aýaman mekdebiň bagynda ýaşlar bilen zähmet çekdiler.

Mekdebiň bagy diýseň öňküdende barha gözelleşip gowy ösüp başlady hem birnäçe haşal otlardan arassalandy. Muňa mekdep direktory gaty guwandy. Mekdep direktory Amanow Nejmetdin okuwçy ýaşlara ýüzlenip:

– «Eziz ýaşlar, okuwçylar bu bagymyz saglyk bolsa gelejekde öňküden-de batlanyp gowy öser. Siziň bu eden işiňiz gaty gowy boldy» – diýdi.

*Teksti okaň we gürrüň beriň.*

*D. HUDAÝNAZAROW*

## MEKDEP BAGYNDA

Gün mele zülpüniň tylla taryny,
Her gün bagtymyzyň üstüne dökýär.
Begres geýen erik, alma naryny,
Göýä synlaýan dek ýylgyryp bakýar.

Okuwçylar öz ösdüren bagynda,
Üýşüp okaýarlar gyzykly kitap.
Oturýarlar elleri boş çagynda,
Geçen sapaklaryn bir-bir gaýtalap.

*Goşgyny labyzly okaň.*

# KÜMÜŞ GYŞ GÖÝÄ ALKYŞ

## GYŞ

Güýz paslyndan soň gyş pasly gelýär. Gyş paslynda howa sowuk bolýar. Suwlar doňýar. Gar kän ýagýar. Gyş paslyna dekabr, ýanwar, fewral aýlary degişlidir.

Gyşda adamlar ýyly eşik geýýärler. Öýlerde peç gurup, ot ýakýarlar.

Çagalar gyşda gar togalaýarlar. Buzda typyp oýnaýarlar.

## Soraglar:

1. Gyş pasly haýsy pasyldan soň gelýär?
2. Gyşda howa nähili bolýar?
3. Gyşda adamlar näme edýärler?
4. Gyşda sen näme bilen meşgullanýarsyň?

*Myratgeldi SÖÝEGOW*

# AÝAZLY GÜN



Ýukalanda kalendar,
Patlap düşdi galyň gar.

Aýnalary nagyşlap,
Akja garyn bagyşlap.

Daşda aýaz sygyrýar,
Oýnamaga çagyrýar.

Dazlap çykdyk meýdana,
Meýdanda gar, baý, kän-ä?

Gar tokgalap başlandyk,
Kem-kemden derläp, haşladyk.

Peýda boldy gar adam,
Pälwan sypat zor adam.

Käşir goýduk burnuna,
Kömür – gözüň ornuna.

Köne bedre başynda,
Dostlary bar daşynda.

**Soraglar:**

1. Çagalar garly gün nähili oýun oýnadylýar?
2. Goşgyny labyzly okaň.

*Nagmat BAÝRAMMATOW*

## GUŞLARY IÝMLÄŇ!



Guşlar bize peýda berýär. Olar ekinlere zyýan berýän mör-möjekleri we haşal otlaryň tohumlaryny tapyp iýýärler.

Gyşda birnäçe guşlar yssy ýurtlara uçup gidýärler. Emma käkilik, sar, serçe, kepderi, hüwi, baýguş, garga, togdary, ördek ýaly guşlar hiç ýere gitmän ýaşaýar.

Birnäçe guşlar gyşyna adamlaryň ýaşaýan ýerine golaý gelýärler. Olar galan-gaçan ir-iýmişleri, däneleri çokup gezýärler.

Ýöne juda buzly doňaklyklar bolanda, guşlar heläk bolýarlar. Olar ýerden çokara zat tapanoklar. Şol wagtlar guşlara iým bermek zerur. Şonda guşlara sowuk gorkuly däl. Olara açlyk gorkuly.

Çagalar, guşlara gyşdan çykmaga kömek ediň! Olary iýmläň!

**Soraglar:**

1. Guşlar bize nähili peýda berýär?
2. Haýsy guşlar biziň ýurdumyzda gyşlaýarlar?
3. Siz gyşda guşlara nähili kömek berýärsiňiz?

## BILER BOLSAŇYZ...

Ot ýanýan pejiň turbasyndan tüsse dimdik ýokary göterilýän bolsa, onda howa mylaýym boljakdyr. Eger tüsse ýokary göterilmän, çykan ýerinde ýaýrap gitse, howa bulaşjakdyr.

Gyşyna gije ýyldyzlar patrak ýaly bolup görünse, şatlama aýaz bolýar.

*G. AŞYROW*

## GAR ÝAGÝAR

Gar ýagýar-a
Gar ýagýar,
Daş-töwerek
Agarýar.

Goja boldy
Ýowşan bary.
Sakgal edip
Akja gary.

Gökje borjak
Ak don geýip,
Bu görnüşe
Edýär keýip.

Oý düzlendi,
Ýap gizlendi.
Uzyn jarlar
Tekizlendi.

Aýdyň indi,
Nätmek gerek?!
Ynamlyja
Ätmek gerek!

*Goşgyny ýat tutuň.*

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASY




Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda kabul edildi.

8-nji dekabr umumyhalk baýramy diýlip yglan edildi. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň güni 8-nji dekabr dynç alyş güni hasaplanýar. Konstitusiýa Watanymyzyň geljegi üçin, halkymyz üçin hyzmat edýär. Özbegistan Respublikasynyň Konstiusiýasynyň kanunlary hemme üçin barabardyr.

### Soraglar:

1. Özbegistanyň Respublikasynyň Konstitusiýasy haçan kabul edildi?
2. 8-nji dekabr nähili gün diýlip yglan edildi?
3. Konstitusiýa nämä hyzmat edýär?

*Muhammetjan KÖŞEKOW*

## BAGTYMYZYŇ KANUNY

Mübärek bolsun dostlar,
Bagtymyzyň kanuny!
Barymyza nur saçýan
Gün hasap edýäs ony!

Her babynda ýazylan
Hukukymyz borjumyz.
Ondan gudrat, güýç alyp,
Ýaşa, ene ýurdumyz:

Zähmet çekiň dynç alyň,
Höwes edip okaň – diýr.
Saglygyňy dikeltmek,
Hemmä okuw deň – diýr.

Mübärek bolsun, dostlar,
Bagtymyzyň kanuny!
Barymyza nur saçýan
Gün hasap edýäs ony!

*Goşgyny ýatlaň!*

## HAÝWANLAR NÄHILI GYŞLAÝARLAR

Adamlar gyşda öý haýwanlaryny bede, saman, künjara we däne bilen idedýärler. Olary ýyly jaýlarda saklaýarlar. Adamlar öý haýwanlary üçin iými, ýyly jaýy tomusdan taýýarlaýarlar.

Möjek, tilki, şagal ýaly çöl haýwanlary gyş aýlarynda gaty horlanýarlar. Olar käwagtlar aç galýarlar. Açlyga çydaman goýun, geçi, towuk ýaly öý haýwanlaryny iýjek bolup, obalara gelýärler.

Keýikler, towşanlar bolsa çöp-çalam, agaç we ot köklerini iýip oňýarlar.

Ýylan, pyşdyl ýaly haýwanlar gyşyna ýeriň aşagynda gymyldaman ýatýarlar.

**Soraglar:**

1. Öý haýwanlary nähili gyşlaýarlar?
2. Gyşda çöl haýwanlarynyň ýagdaýy nähili bolýar?

## GYŞYŇ GÖZELLIGI

Ülkämizde gyş höküm sürýär. Daragtlar we gyrymsy agaçlar ak lybasa bürenip bir zatlary hyýal edýän ýaly. Ähli ýere ap-ak mata düşäp goýlana meňzeýär. Asman çüýşe ýaly dury. Güneş ýalpyldap duran bolsa-da howa sowuk. Ternawlardaky

buzlar edil hrustala meňzeýär. Guşlar bolsa sowukdan gorkuşyp höwürtgelerinde otyrlar. Agaçlaryň şahalaryndaky gar bölejikleri şemalyň täsirinde uçup, ýene-de owadan, gözel görnüşi emele getirýär.

Howa arassa, tämiz. Çagalar ýyly geýimde mekdebe barýarlar. Mekdep howlusy çagalar bilen hyryn-dykyndy. Çagalar gar atyşyp oýnaýarlar. Gyzlar gardan Aýazbaba we Gar gyz ýasaýarlar. Çagalaryň gykylygy bütin töweregi gurşaýardy.

Gyş – örän gözel pasyl.

**Soraglar:**

1. Gyşda meýdanlar nähili görnüşe eýe bolýarlar?
2. Agaçlar nämä meňzeýärler?
3. Gyşda çagalar nähili oýunlary oýnaýarlar?
4. Gyşda siz tebigatda nähili özgerişleri synladyňyz?
5. «Gyşyň gözelligi» diýen temada dilden hekaýa düzüň.

## GYŞDA

*(Erteki)*

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir tokaýda bir topar mör-möjekler ýaşaýar eken. Jowzaly tomus geçip, salkyn güýz gelipdir. Ondan soň gylyjyny ýalaňaçlap gyş girip gelipdir.

Äleme ümsümlik aralaşypdyr. Agaçlaryň ýapraklarynyň şatyrdysy, möjek we şagallaryň ummuldysy hem eşidilmändir.

Mör-möjekler hinlerinde gizlenipdirler. Ilki bilen garynjalar ýygan dänelerini ýygşyryp, ýylyjak hinlerine giripdirler. Soňra tomzaklar hem ganatlaryny açyp-ýapyp ýapraklaryň aşagyna sümüp gidipdirler.

Çekirtgeler hem heň-sazyny bes edip gyşky uka gitmäge howlugýardylar. Teneçirler ganatlaryny ýygyşdyryp, uklamak üçin amatly ýeri agtarýardylar.

Güýzki ýagyşdan soň ýeriň ýüzüne çykan gurçuklar hem derrew ýeriň aşagyna girip gizlenipdirler, çünki olar sowukdan örän gorkýan ekenler. Şeýdip mör-möjekler gyşky uka gidipidirler.

Ýeriň üsti galyň gar bilen gaplanypdyr. Mör-möjekler hinlerinde horlaşyp uklaýarlar. Hatda agaçlar hem edil uka giden ýaly yranman durdular. Olar Aýazbaba we gar gyzynyň geçip gidenini-de duýman galypdyrlar.

Bahar gelip, günler birneme maýlapdyr. Garlar eräpdir. Daragtlar birek-biregi bahar bilen gutlap, şemalyň täsirinde ýeňilje yranypdyrlar.

Gün şöhleleri mör-möjekleriň hinlerini hem gyzdyrypdyr. şonda olar;

– Salam gözel bahar, dostlar, turuň bahar-ýaz geldi! – diýip bir-birlerini oýarypdyrlar.

– Salam dostlar! – diýip garynjalar turupdyr.

– Salam! – diýip jogap gaýtarypdyr tomzaklar.

Çekirtge, teneçir hatda ýagyş gurçugyda ukudan oýanyp, hinlerinden çykyp bir-birlerini bahar bilen gutlapdyrlar.

**Soraglar:**

1. Gyşyň gelmegi bilen töwerek-daş nähili bolupdyr?
2. Haýsy mör-möjekler hinlerine giripdirler?
3. Ýene nähili mör-möjekleri bilýärsiňiz?

## GARYNJA BILEN ÇEKIRTGE

Bir ýaýlada garynja bilen çekirtge ýaşaýan eken.

Olar örän dost ekenler.

Tomusda garynja gyşyň aladasyny edip hinine däne daşapdyr. Muny gören çekirtge şeýle diýipdir:



– Kiçi halyňa näme beýle aladalanýaň oýnaklap ýöreseň bolanokmy ahyryn.

Özi bolsa jyrryldap aýdym aýdyp geziberipdir. Garynja dostunyň bu sözlerini gaty görüpdir. Emma sesini çykarman öz işi bilen gümra bolupdyr.

Bir güni garynja bugdaýyň dänesine duşupdyr. Ony hinine äkitmekçi bolupdyr welin, güýji ýetmändir. Şonda garynjanyň öňünden bökjekläp ýören çekirtge çykypdyr.

– Aý dostum wagtynda geläýdiň. Şu dänäni hinime äkitmäge kömekleşsen-e, – diýipdir.

Şonda çekirtge «çir-çirrr» edip uçup gidipdir. Garynja bolsa gaty öýkeläpdir. Dänäni zordan hinine özi alyp gelipdir.

Salkyn günler başlanypdyr. Garynja hinini ýylyjak edip bejeripdir.

Bir güni ýagyn ýagyp sowuk şemal öwsüpdir. Çekirtge güýzüň gelendigini duýup özüne hin agtarypdyr. Hemme tarap ygal, sowuk eken. Şonda ol dosty garynjany ýatlap onuň hinine barypdyr.

– Garynjajan, men gaty üşedim, meni hiniňe girizsene, örän ajykdym, – diýipdir.

Garynja örän rehimli eken:

– Bolýa, geläý, ýöne geljek ýyl beýtme, gyşyň hereketini tomusda et, – diýipdir.

– Bolýa, elbetde tomusda özüme hin edinerin, azyk toplaryn, – diýipdir.

Şeýdip iki dost garynjanyň hininde gyşlapdyrlar.

**Soraglar:**

1. Garynja dostundan nämäni haýyş edipdir?
2. Çekirtge näme edipdir?
3. Garynja dostuna nähili kömek edipdir?
4. Tekstden güýze degişli sözleri tapyp okaň.

## GYŞ

Dekabr, ýanwar, fewral aýlary gyş paslydyr. Gyşyna howa sowuk bolýar. Gar köp ýagýar. Ýaplardaky suwlar doňýar. Çagalar gar togalap oýnaýarlar. Gardan adam ýasaýarlar. Çagalar buzda typyp oýnaýarlar. Gyşyna köplenç asmanda bulut bolýar.

**Soraglar:**

1. Haýsy aýlar gyş pasly?
2. Gyşyna howa nähili bolýar?
3. Gyşda çagalar nähili oýunlary oýnaýarlar?

*G. ÇÖLIÝEW*

## GYŞ

Gyşyň güni kyrk dürli
Kyrkysy-da gylyksyz.

Gyş gününiň oýny kän
Gyzykly hem gyzyksyz

Güýz gülüp bakanda,
Ynanyp bolmaz gyşyna.
Ahmal bolsaň galdyrar,
Sowukda ýa ýagyşda.

Birden asman garalar,
Açylmaz gar sepmän.
Ýatyr käte hepdeläp,
Ýerde garlar erämän.

Demiňden ak bug ýasaýar,
Daşarynyň howasy.
Ýaz gelende ýatyşar,
Gyş gününiň gowgasy.

*Goşgyny labyzly okaň.*

**Soraglar:**

1. Gyşda howa nähili bolýar?
2. Şahyr gyşy hähili suratlandyrypdyr?

*Şamyrat SATMATOW*

## GYŞ GÜNLERI

Indi günler gysgalyp, gijeler uzaýar. Iki-ýeke gar sepeläp başlaýar. Howa gaty sowaýar. Howanyň sowuklygy sebäpli, ýagan garlar birnäçe wagtlap eremän ýeriň ýüzünde ýatýar. Gyşda howa gaty arassa bolýar. Gyşda gar ýagýar.

Mekdep çagalary hezil edip oýnaýarlar. Olar sowukdan gorkmaýarlar. Gardan diň ýasaýarlar. Käwagtlar gaty sowuk bolup, köllerdäki ýaplardaky suwlar doňýar. Buz bolýar. Çagalar garyň üstünde, buzuň üstünde taýyp oýnaýarlar. Olar üçin hezillik bolýar. Gyşyň günleri gyşda ýagan garlar bilen özboluşly bir tebigata eýedir.

**Çagalar gyşda galyň geýniň!**
**Çagalar köp buzda taýyp oýnamaň, gar iýmäň!**

**Soraglar:**

1. Häzir ýylyň haýsy pasly?
2. Gyş paslyny beýleki pasyllar bilen tapawydy näme?

## TILKI, TOWŞAN WE HORAZ

*(Erteki gysgaldylyp alyndy)*

I

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir tilki bilen bir towşan bar eken. Tilkiniň buzdan, towşanyň bolsa agaç gabygyndan çatmasy bar eken. Ýaz çykanda, tilkiniň çatmasy eräpdir. Emma towşanyň çatmasy öňküsi ýaly galypdyr.



Tilki towşanyň çatmasyna baryp, ýylynmagy sorapdyr hem-de towşany çatmasyndan çykaryp kowupdyr. Towşan ýola düşüp, aglap barýarka, öňünden bir it çykyp:

– Haw! Haw! Haw! Towşanjyk, näme üçin aglaýarsyň? – diýipdir.

Towşan oňa:

– Men näme üçin aglamaýyn?! Meniň agaç gabygyndan, tilkiniň bolsa buzdan çatmasy bardy. Ol meniň çatmama girdi-de, meniň özümi çykaryp kowup goýberdi – diýipdir.

It oňa:

– Aglama, towşanjyk, men ony kowaryn – diýen.

– Ýok, kowup bilmersiň!

– Kowaryn, sen arkaýyn bol!

Bular çatmanyň ýakynyna gelipdirler. It:

– Haw! Haw! Haw! Tilki, çyk, güm bol! – diýipdirler.

Tilki oturan ýerinden:

– Şeýle bir bat bilen okdurylyp bökerin weli, her bölegiň bir ýere zyňlyp gider! – diýip haýbat atypdyr.

It gorkup, gaçyp gidipdir.

## II

Towşanjyk ýene aglap gidip barýar eken. Öňünden bir aýy çykyp:

Towşanjyk, näme üçin aglaýarsyň? – diýipdir.

Towşanjyk oňa:

– Näme üçin men aglamaýyn?! Meniň agaç gabygyndan, tilkiniň bolsa buzdan çatmasy bardy. Tilki meniň çatmama girdi-de, özümi kowup goýberdi – diýipdir.

Aýy oňa:

– Aglama, towşanjyk, men ony kowaryn – diýipdir. Aýy tilkiniň ýanyna gelip:

– Tilki, çyk, güm bol! – diýipdir.

Tilki:

– Şeýle bir bat bilen okdurylyp bökerin weli, her bölegiň bir ýere zyňylyp gider – diýipdir.

Aýy gorkup, gaçyp gidipdir. Towşanjyk ýene aglap gidiberipdir. Öňünden bir horaz çykyp:

– Towşanjyk, näme üçin aglaýarsyň? – diýip sorapdyr.

– Näme üçin men aglamaýyn?! Meniň agaç gabygyndan, tilkiniň bolsa buzdan çatmasy bardy. Tilki meniň çatmama girdi-de, özümi kowup goýberdi – diýipdir.

Horaz towşana:

– Aglama, dogan jan! Biz ony häzir kowarys – diýip, tilkä tarap ugran.

Horaz baryp:

– Çyk, towşanyň öýünden, güm bol! Elimde ýaragym bar, öldürmek hyýalym bar – diýipdir weli, tilki gorkup:

– Geýinýärin... – diýen.

Horaz:

– Elimde ýaragym bar, öldürmek hyýalym bar. Çyk güm bol, towşanyň öýünden! – diýipdir.

Tilki:

– Köwşümi geýýärin – diýen.

Horaz ýene:

– Elimde ýaragym bar, öldürmek hyýalym bar. Çyk, towşanyň öýünden! – diýipdir.

Tilki çykyp gaçypdyr. Horaz we towşanjyk çatmada rahat ýaşamaga başlapdyrlar.

**Soraglar.**

1. Tilki towşanjygy nähili aldady?
2. Horaz tilkini nädip kowdy?

*N. LATYPOW*

## GÖRER GÖZÜŇ GYMMATY...

Çagalar, göz adamynyň duýgy organlarynyň arasynda iň gereklisidir. Biz gözümiziň görýändigi sebäpli kitap okaýarys, hat ýazýarys, surat çekýäris, oýnaýarys. Şonuň üçin hem gözlerimizi kesellerden gorap saklamalydyrys. Arassaçylyk saglygyň girewidir. Gözümize ýokanç «gözagyry» keselini ýokuşdyrmazlyk üçin arassaçylyk düzgünlerini ýerine ýetirmeli. Ir bilen turanyňyzda el-ýüzüňizi sabynlap, ýyly suw bilen ýuwmaly. Her biriňiziň aýratynlykda arassaja polotensäňiz bolmalydyr. Otaglary arassa saklamalydyr. Siňekleri gyrmalydyr. Gözi agyryly ýoldaşyňyzyň ulanýan zatlaryndan peýdalanmaly däldir. Ýatyp kitap okamak ýa-da haty ýazmak göz üçin zyýanlydyr. Okanyňyzda her 40–45 minutdan göze dynç berilmelidir.

Kitap bilen gözüňiziň arasy 35–40 santimetrden golaý bolmaly däldir. Ýagtylyk çep tarabyňyzdan düşmelidir. Partada ýa-da stulda oturanyňyzda dogry we göni oturyň. Şeýle etmeklik bedeniň dogry

ösmegine kömek edýär. Telewizora ýörite çagalar üçin bolan gepleşiklerde serediň. Telewizordan araňyz 2 metrden az bolmaly däldir. Dürtgiç, pyçak ýaly ýiti zatlary oýnamaly däldir. Ol zatlar göze köp şikes ýetirýär. Çagalar, göreji mydama aýawly saklaň! Ol size her işde, her minutda zerurdyr.

**Soraglar:**

1. Ýatyp ýa-da partada eglip okamak bolýarmy?
2. Gözi nähili aýap saklamaly?

*A. ABAÝEW*

## EL NÄME ÜÇIN GEREK?

Oraz bilen babasy gowy görüşýärdi. Bular hemme zatlar barasynda gürrüň edişýärdiler.

Bir gezek babasy agtygyndan:

– Orazjyk, adamlara el näme üçin gerek? – diýip sorady.

– Top oýnamak üçin gerek – diýip, Çary jogap berdi.

– Ýene näme üçin gerek? – diýip babasy sorady.

– Çemçe ulanmak üçin.

– Ýene näme üçin?

– Pişigi sypalamak üçin.
– Ýene näme üçin?
– Daşjagazlary ýaba taşlamak üçin.

Oraz dogry jogab berdi. Emma eliň diňe bir oýnamak üçin däl-de, başga zatlar üçin hem gerekdigini ol entek bilmeýärdi.

**Soraglar:**

1. Adamlara eliň näme üçin gerekdigi barada siz nähili pikir edýäsiňiz?
2. Babasynyň soraglaryny we agtygynyň jogaplaryny labyzly okaň.

*B. KURBANOWA*

## PASYLLARYŇ GÖZELLIGI

Gyşda gar ýagýar.
Daş töwerek agarýar.
Çagalar oýnap gülýär.
Hezil edip ýaýnaýar.

Gyş paslynyň üç aýy.
Öter-gider tiz günde.
Gözüň ýumup açynçaň
Geler bahar tiz günde.

Salam diýip gapyň kakyp.
Bahar geler ýylgyryp.
Daş-töwerek janlanyp.
Tebigat gözelleşer.

Aýal gyzlar baýramy.
Geler Nowruz baýramy.
Şatlanyp ogul-gyzlar.
Tans edişip oýnaşar.

*Goşgyny ýat tutuň.*

## ÝYLYŇ PASYLLARY

Ýagyn duran gar agşamara togtady. Ir bilen asmana seretseň açyk mawy, gar gözüňi gamaş-dyrýar, howa örän sowuk. Guşlar hüfferişip otyrlar. Üşän serçejikler şahalarda çommalyp otyrlar. Daş-töwerek ümsümlik. Ýene gyş näçe gazaply bolsa-da baharyň golaýlaşýandygy duýulýardy. Sebäbi ýylyň pasyllary çalşyp durýar. Näme üçin şeýle?

Ýer Güniň töwereginde bir ýylda bir gezek aýlanyp çykýar. Gün asmanda belent göterilende onuň şöhlesi, Ýere göni düşüp, ony güýçli gyzdyrýar. Ýeriň ýüzi yssy bolýar. Gün onçakly göterilmän, onuň şöhleleri ýabgydrak düşende ýer sowuk bolýar.

Gyşdan soň ýaz, ýazdan soň tomus gelýär. Güner harha ýylaýar. Çagalar hezil edinip sowuk suwa düşýärler. Ýene tiz wagtda güýz golaýlaşyp onuň käbir

alamatlary duýlup başlaýar. Tiz wagtda agaçlar çybyga öwrülip galýarlar. Tebigat ýene gara garaşyp başlaýar. Şeýdip pasyllar çalşyp-çalşyp ýyl geçýär.

**Soraglar:**

1. Ýylyň pasyllary barada nämeleri öwrendiňiz?
2. Her bir paslyň alamatlaryny aýdyp beriň.

## GYŞ GÜNLERI MEÝDANDA

Açyk, güneşli, maýyl howa gyşyna az bolýar. Şonuň üçin hem meýdanda işlemek kyn bolýar. Şeýle-de bolsa, gyş aýlaryda meýdanda köp işler edilýär. Täze ýylyň hasylynyň düýbi tutulýar.

Mehanizatorlar traktorlary bilen ekin ekiljek ýerleri sürüm işlerini geçirýärler. Sürlen ýerler ullakan kartalara bölünýär, dökün dökülýär. Soňra gyşky suwy berilýär.

Oba bagbanlary gyş günleride baglaryň guran we döwlen şahalaryny kesip aýyrýarlar. Olaryň düýbündäki haşal otlary çapyp, ýerini agdaryp goýýarlar. Olara gyş suwy hem berilýär.

Obalarda gyşda hem gök önümleri öndürmek üçin teplisalar işledilýär. Obaçylar ol teplisalarda pomidor, hyýar, sogan we başga-da birnäçe gök önümleri ösdürip ýetişdirýärler.

Gyzylgumuň uzak öri meýdanlarynda agyr gar ýagyp, sowuk, doňaklyk başlansa, çopanlaryň işi has-da kynlaşýar. Şonuň ýaly pursatlarda obalardan ýörite adamlar gelip, çopanlara kömek berýärler. Öňden taýýarlanyp goýlan bedelerden alyp, mallara berýärler.

*Teksti okaň we gürrüň beriň*

*Senet MAHMUDOWA*

## AÝAZBABA

### I

Bir bar eken, bir ýok eken, bir Aýazbaba bar eken.

Aýazbabany obanyň çagalary ýasandygyny goňşy-golaňlar öz gözi bilen gören ekenler.

Şol güni gijesine topbak-topbak gar ýagypdyr. Hemme tarap ap-ak gar bolupdyr. Agaçlar hem ak don geýen ýalydy. Arçalaryň şahalary egilip durdy.

Ertesi güni Toýly, Meret, Gülşat, Azamat dagylar mekdepden gelen badyna: Ur-ra, gar oýnarys, gar» – diýşip bir-birlerini köçä çykyp çagyrypdyrlar.

– Geliň çagalar, Aýazbaba ýasalyň, – diýipdir Azamat.

– Ur-ra, Aýazbaba ýasaýas, Aýazbaba, – diýşip beýlekiler hem oňa goşulypdyrlar.

Aýazbaba şeýle bir gowy çykypdyr hatda öten-geçenler:

– Edil özi bolaýypdyreý! – diýipdirler.

Çagalar muňa örän begenişip, onuň töwereginde uzak wagtlap oýnapdyrlar.

Garaňky düşensoň çagalar öýlerine dargaşypdyrlar. Duruberip, duruberip halys ýadapdyr.

«Wah, ýöremegi başarsadym, ýaňky çagalaryň öýlerine girip näme edýändiklerini tomaşa ederdim, – diýip ol arzuw edipdir. Ol şeýle diýmek bilen ýuwaş-ýuwaşdan gymyllap başlapdyr. Başda bir ädim, soňra iki ädim, şeýdip ýöreýän bolupdyr.

## II

Aýazbaba bir öýüň ýanyna baryp aýnadan ýuwaşjadan boýnuny uzadypdyr. Seretse, hälki gar toplap aýazbabanyň aýaklaryny ýasan Azamat gök, gyzyl reňkler bilen surat çekýän eken.

Soňra Aýazbaba ýuwaşjadan ýöräp başga öýüň aýnasynyň ýanyna gelipdir. Gyzyklanyp seretse, hälki Azamata kömekleşip ýören, kiçijik, ýassy ýüzli gyz Gülşat uklap ýatanmyş.

Aýazbaba elindäki taýagy bilen iň ýagty apişgäniň ýanynda durup galypdyr. Seretse, Toýly diýen oglan samolýot, maşynlary ýasap hatar edip goýan ekeni.

Aýazbaba çagalaryň hemmesiniň akyllydygyny görüp begenjinden köçede ýeke özi sakgalyny sallap, taýagyny takgyldadyp tansa düşýär.

III

Aýazbaba ýola düşüpdir, ýol ýörse-de köp ýöräpdir. Derýalardan geçip, daglardan aşypdyr. Uly tokaýa barypdyr. Soňra bir töňňäniň üstünde oturyp sowgat ýasap başlapdyr. Sowgatlary bir halta salyp ýene yzyna dolanypdyr. Ol gelýänçä daň hem atypdyr.

Aýazbaba şol güni Azamaty, Toýly we başga çagalary ýolka baýramy geçýän ýerden tapypdyr. Olaryň sowgatlaryny ýeke-ýekeden gowşurypdyr. Çagalar örän hoşal bolup ählisi bilelikde Aýazbaba ýüzlenip: «Sag boluň, sag boluň» – diýipdirler.

Şeýdip, Aýazbaba her gezek täze ýyl baýramyna gelip, çagalar bilen gürleşip, bile aýdym aýdyp, tans edip, olara sowgat paýlap gidýän bolupdyr.

**Soraglar:**

1. Aýazbabany kimler ýasady?
2. Aýazbaba nämäni arzuw etdi?
3. Aýazbaba çagalara sowgat getirmek üçin nirä bardy?
4. Täze ýyl baýramçylygyny siz nähili geçirýärsiňiz?

*M. SEÝIDOW*

## GUŞLAR

Gyş güni guşlar
Jürküldeşdiler.
Baga mündüler,
Ýene düşdüler.

Öz dilleride
Gepleşdi olar.
Ýerden dänejik
Çöpleşdi olar.

Körpe Arzygül
Syn ede-ede,
Barmagyn dişläp,
Durdy beýlede.

Birden öwrülip,
Ylgady tama.
Diýdi güjürdäp:
– Mama, aý, mama!

Guşjagazlary
Hanha, görsene.
Iýmläýin ony,
Däne bersene!

*Goşgyny labyzly okaň.*

## SURATKEŞ AÝAZBABA

Ir bilen turup seretsem, kimdir biri aýnamyza nagyş çekipdir.

– Baý, munuň owadanlygy-ny! – diýdim begenip. Ejejan, serediň aýnamyza surat çekipdirler.

– Aýazbaba çekendir-dä, – diýdi ejem gülüp.

– Aýazbaba geldimi? Näme meni oýarmadyňyz? – diýdim.

– Hawa, Aýazbaba geldi. Ynha, aňa birnäçe sowgat taşlap gitdi. Bagtyýar

gowy okaýarmy, bahalary nähili? – diýdi. Gündeligiňi görüp, berekella diýdi. Ýöne ýazuwy onçakly däl, çeken suratlary-da çalarak eken, entek reňklenmändir, diýdi.

Men derrew depderlerimi açyp seretdim. Hakykatdanam, ýazuwlarym özüme ýakmady. Çeken suratlarymy göremde utandym.

– Ejejan, Aýazbaba ýene gelermi?

– Elbetde ýene gelerin, – diýip gitdi.

– Aýazbaba gelýänçe men ýazuwlarymy düzederin. Indiden beýläk arassa we owadan edip ýazaryn, suratlary reňkläp goýjak, – diýdim. Soňra aýnadaky nagyşlary ýene üns bilen synladym. Olar örän owadan we näzik edip çyzylypdyr.

– Ejejan, Aýazbaba suratkeş eken-de.

– Hawa, – diýdi ejem. – Bagtyýar köpräk tebigata gözegçilik etsin, tomusda aýna doňman näme üçin gyşda doňýandygyny aýdyp bersin, – diýdi Aýazbaba.

Men näme üçin şeýle bolýar-ka, diýip pikire batdym?

## Soraglar:

1. Hany aýdyň çagalar, näme üçin gyşda aýnalar doňup, dürli nagyşlar çekilen ýaly bolýar?
2. Bir käse suwy sowuk ýerde goýuň we ir bilen nähili ýagdaýda bolýandygyny aýdyp beriň.



## TÄZE ÝYL GOŞGUSY

Kalendarymyz gatyn açdy,
Täze ýylyň täze aýy.
Ýene gelip salamlaşdy,
Hormatlymyz aýaz daýy.
Täze ýylyň şat toýy,
Bolmaz onuň deň taýy.
Öwşün atýar ýolkamyz,
Seret sen aýaz daýy.

*Goşgyny ýatlaň!*

*Bellik: Mugallym täze ýyl, ýolka, aýazbaba barada gürrüň bermeli.*

## BIZIŇ MAŞGALAMYZ

BIZIŇ MAŞGALAMYZ

Biziň maşgalamyzda sekiz adam bar: kakam, ejem, atam, enem, erkek doganym, gyz doganym, jigim we özüm. Enem öý işlerine seredýär. Kakam mehanizator bolup işleýär. Ejem mekdepde mugallym bolup işleýär. Atam mallara seredýär. Gapymyzdaky agaçlaryň düýbüni ýumşadýar.

Biziň hemmämiz her gün ir sagat ýedi-de turýarys. Ýuwunyp geýimlerimizi geýýäris. Ertirlik iýip, ululamyz öz işlerine ugraýarlar. Biz hem mekdebe gidýäris. Jigim hem çagalar bagyna gidýär.

Işden we okuwdan gelenimizden soň, hemmämiz birlikde nahar iýýäris. Ondan soň dynç alýarys, radio diňleýäris we telewizor görýäris. Biz bagtly we şatlykly durmuşda ýaşaýarys.



**Soraglar:**

1. Siziň maşgalaňyzda näçe adam bar?
2. Maşgalaňyzda kim näme işleýär?

## ÇAÝ

Lowlap ýanýan gyzyl ot,
Alawlaýar – oýnaýar.
Gaza goýan çäýnegim,
Hanha eýýäm gaýnaýar.

Ýadap işden geler tiz,
Agam kakam hem ejem.
Gyzgynjak çaý içeris.
Ählijämiz bile jem.

Çaýdan gansak mazaly,
Ýadawlyk gaçar kem-kem.
Maňa sag bolsun aýdar,
Agam, kakam hem ejem.

*Goşgyny labyzly okaň.*

# 14-NJI ÝANWAR ÖZBEGISTANDA WATAN GORAÝJYLARY GÜNI



14-nji ýanwar, Özbegistanda Watan goraýjylarynyň baýramydyr. Biz her ýyly bu güni uly baýram bilen şatlyk bilen, guwanç bilen belleýäris. Özbegistanyň goşunynyň gullygynda iň gowy ýurdymyzyň ogullary gulluk edýärler. Özbegistanymyzyň goşuny bütin Özbegistan Watanymyzyň hemme ýerlerini goraýar. Watanymyzyň serhetlerini goramakda esgerlerimiziň roly örän uludyr.

Watan, gör nähili ajaýyp söz, ony goramak her bir esgeriň we her birimiziň mukaddes borjumyzdyr. Okuwçylar, geliň bizler hem Watanymyzy goramaga kömek bereliň.

*H. ALLAMYRADOW*

## DYNÇLYK DÜNÝÄNIŇ DIREGI

Gün nur salsyn ýollarda,
Göwün gülsün ýollarda.
Mydam zähmet şöhraty,
Şöhle saçsyn illerde.

Ýaşa zähmet adamy,
Ur sen öňe gadamy.
Bütin Ýeriň ýüzüne,
Dolsun zähmet aýdymy.

Söýýäs birek-biregi,
Dostluk hemmäň geregi.
Çagaň bagtly gülküsi,
Dynçlyk dünýäň diregi.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## REHIMLI WE DYKGATLY BOLUŇ

Bir garynja tötänden bir çukura düşüpdir. Çykyp bilmän gaty kösenipdir. Çol wagt bir garry adam geçip barýan eken.

– Baý biçäre, – diýip taýagyny oňa uzadypdyr.

Garynja taýaga dyrmaşyp ýokaryk çykypdyr, we özüniň halas edijisine:

Sag boluň, – diýipdir.

Şol gijesi garry adam düýş görüpdir. Düýşünde ýakymly bir ses eşidilipdir:

– Rehimli we mylaýym ynsan, siz üçin jennediň gapylary açyk, – diýip kimdir biri aýdanmyş.

**Soraglar:**

1. Garynja nähili waka duş bolupdyr?
2. Garynja kim kömek edipdir?
3. Garry adam nähili düýş görüpdir?

## DANA SÖZLER

Ýalan sözi pikiriňe getirme, ýalan söz hökman paş bolar.

Arkana gyl hem kuwwat berşi ýaly, sen hem dostuňa kuwwat bagyşla.

Ata-ene – mukaddes ynsanlardyr, olary asla ynjytmaň.

Dünýäde dogrulykdan artyk sylag ýok. Sylagly bolaryn diýseň dogruçyl bol.

# AÝAKGAP FABRIGINDE

Baýramyň kakasy aýakgap fabriginde işleýär. Ol bir gün Baýrama ýaldyrawuk, täzeje köwüş getirdi.

Baýram:

– Sen köwşi köp wagtlap tikdiňmi? Bagjyk ötürilýän deşijeklerini etmek kyn bolsa gerek? – diýip, kakasyndan sorady. Kakasy:

– Bu köwşi köp adam tikdi-diýip aýtdy. Meniň işim diňe biçip bermek. Men biçimçi. Bagjyk ötürilýän deşijekleri Begenjowyň brigadasy edýär. Olar muny maşyn bilen edýärler. El bilen etmek kyn we uzaga çekýär.

Beýleki işçiler içligini tikýärler, ökjesini goýýarlar. Bularyň hemmesi hem maşyn bilen edilýär. Biziň fabrigimiz aýakgaby köp öndürýär. Işçiler mundan hem gowy işläp ýurdumyza köp aýakgap bermäge çalyşýarlar.

**Soraglar:**

1. Baýramyň kakasy nirede işleýär?
2. Fabrik diýende siz nämelere düşünýärsiňiz?

*N. ÝUSUPOW*

## ATAM IKIMIZ

Atam her gün ir turup,
Baga gidýär daň bilen.
Piljagazym alýanda
Menem gidýän oň bilen.

Ine şonuň üçin hem
Bag ekmäni başarýan.
Çöp-çalamyn aýyryp
Ýer depmäni başarýan.

Şeýdip her gün bileje
Timar berýäs baga biz.
Onsoň illeň dilinde
«Tüweleme Ballyjyk,
Ýaşa Ýusup aga» biz!

*Goşgyny labyzly okaň.*

## NAKYLLAR

Ata-ene razy – il razy.
Il razy – ata ene razy.
Altyn kümşüň könesi bolmaz
Ata enäň bahasy bolmaz.

Ataňy gün bilsen,
Enäni aý bil.
Ataň barka ýol tana.
Ataň öňünden ötme
Edep öňünden gitme.

*Nakyllary ýatlaň.*

## ATA-ENÄ HORMAT

Ata-ene perzentler üçin iň eziz we mähriban ynsanlardyr. Olary hormatlamak, sylamak perzentleriň borjudyr. Ata-enäniň diýenlerini çalt ýerine ýetirmek, olaryň göwnüni şat etmek her bir ogul-gyzyň wezipesi. Ata-ene perzenlerine gowy tertip-terbiýe öwredýär. Ata-enäň rugsadysyz uzak ýerlere gitmäň, olara ýalan sözlemäň, hemişe mylaýym, ýakymly gepläň, dogruçyl boluň. Öýde we mekdebde gowy terbiýe tapyp, gözel häsiýetleri özleşdirseňiz, ata-eneňize sag bolsun eşitdirersiňiz.

**Soraglar:**

1. Gözel häsiýetli bolmak üçin näme etmeli?
2. Nähili işleri ýerine ýetirsek, ata-enelerimiz hoşal bolýarlar?



## ENE HEM AGTYGY

Sona ikinji synpda okaýardy. Ol harplary owadan ýazmaga jan edýärdi. Bir gezek mugallym onuň depderini barlap bäşlik baha goýdy.

– Şeýdip, okamaga, ýazmaga yhlas etseň, ökde okuwçy bolup ýetişersiň – diýdi.

Sona öýe gelende enesi ik egrip otyrdy. Sona depderini açyp, alan bahasyny enesine görkezdi.

– Ine, synpda ýazuwdan bäşlik baha aldym. Enesi başlik bahany görüp begendi.

– Ýazanlarymy okap görsene, ene!

– Men okap bilemokda, gyzym. Harplaryňam hemmesini tanamok!

Sonajyk muňa geň galdy. Enesi oýun edýändir öýdüp ýylgyrdy. Emma enesiniň çynydy. Ol agtygyna düşündirdi:

– Gyzym, menem sen ýalykam mekdebe gatnap başlapdym. Emma ýetimçilik başyma düşdi-de wagtlaýynça okuwdan galmaly boldum. Soňam uruş turdy. Şeýdip sowatsyz galdym. Sonanyň öz enesine ýüregi awady.

– Ene gaýgy etme! Men saňa hemme harplary öwrederin!

Sona depderdir galamy enesine berdi. Enesi agtygynyň göwni üçin harplaryň birnäçesini depdere ýazdy. Ol harplary synlady-da, mugallymynyň aýdan sözlerini enesini aýtdy:

– Şeýdip, okamaga ýazmaga yhlas etseň, ökde okuwçy bolup ýetişersiň!

**Soraglar:**

1. Sona näçenji synpda okaýar?
2. Ol ýazuwdan näçelik baha aldy?
3. Sona enesine näme öwretmekçi boldy?

*A. ANNABERDIÝEW*

## MAWY GÜLLI KÄSE

Guwanç kakasynyň getiren mawy gülli käsesini gören badyna halady. Indi ol her gezek çaý içilende käseleriň arasynda mawy gülli käsäni saýlap alardy.



Bu gün Guwanç mekdepden gaýdyp gelende, öýde hiç kim ýokdy. Ol basyrylyp goýlan çäýnegi öňüne aldy. Mawy gülli käsäni çaýkady-da, içindäki çaýy açyk duran penjireden sepip goýberdi. Daşa degen käsäniň jyňňyrdysy eşidildi. Guwanç iki bölek bolup ýatan owadanja käsäni aldy-da, gap-gaç goýulýan şkafyň burçunda gizledi. Agşam Guwanjyň kakasy bilen ejesi işden gaýdyp geldiler. Çaý içildi. Olar mawy gülli käsäniň ýokdugyna ünsem bermeýän ýalydylar.

Aradan iki gün geçdi. Okuwdan gaýdyp gelen Guwanç basyrylgy çäýnegiň gapdalynda duran öňki ýaly abatja, lowurdap duran mawy gülli käsäniň durandygyny gördi. Ol utançdan we haýran galmakdan ýaňa gyzaryp, gap-gaç goýlan şkafyň burçlaryny barlady. Ýöne ol ýerde eýýäm tötändan döwlen we gizlenip goýlan mawy gülli käse ýokdy.

**Soraglar:**

1. Guwanç käsäni nädip döwdi?
2. Guwanç käsäniň döwlenini ejesine, kakasyna aýtdymy?
3. Guwanç okuwdan gaýdyp gelende näme gördi?

## MENIŇ EJEM

Meniň ejem zawodda işleýär we elektrik lampoçkalaryny ýasaýar. Ol planyny her aýda artygy bilen doldurýar.

Ejem ýagşy işläni üçin, ýaňy ýakynda hormat haty bilen sylaglandy. Şondan soň bize myhmanlar geldi. Olaryň hemmesi ejemi gutladylar.

Ejem öýde bolanda, biz mydama şat. Ol öýmiziň görki we görmegi.

Emma ejem bizden talap hem edýär. Eger sapaklarymdan ýaman baha alaýsam ýa-da zatlarymy ýerli-ýerinde goýaýmasam, ol maňa şeýle seredýär weli, men eden işime gaty utanýan. Ejem maňa:

– Gowy we dogruçyl bol, her bir işi öz wagtynda gowy etjek bol! – diýýär. Men hem ejemiň diýenini edýärin.

**Soraglar:**

1. Bu gyzyň ejesi nirede işleýär?
2. Ol nähili işleýär?
3. Öz ejeňiz hakda gürrüň beriň.

## ŞÄHERDE

Ýaz günleriniň biridi. Jigim we ejem dagymyz şäherde ýaşaýan doganymyň

öýüne myhmançylyga bardyk. Doganymyň öýi şäheriň ortasynda ýerleşýär.

Onuň öýüniň ýakynynda uly bag bar. Biz baga bardyk. Bagda adam gaty köp eken. Onda her hili gowy oýunlar görkezýärler.

Bagyň öňünden uly köçe geçýär. Bu köçäniň gyrasyndan adamlar we ortasyndan bolsa motosikl, welosiped, awtomaşynlar yzly-yzyna geçýärler.

Doganym bizi örän gowy garşylady. Agşam ol bizi bagdaky teatra alyp bardy.

Biz şäher bilen tanyş bolduk. Köp zatlary gördük.

*N. BAÝRAMOW*

## MEN TÜRKMEN OGLY

Men – sada oglan
Türkmen dili – dilim
Şol dilde gepläp
Aldym men bilim

Garaja çagaň
Menem biridim
Şu epgek – yssy
Bilen diridim.

Türkmendigime
Kemsinmedim hiç
Men türkmen diýip
Degsinmedim hiç.

Çölüň çägesin
Söýüp ulaldym.
Suw az, tomusda
Köýüp ulaldym.

Kalbymda sazy
Dutar, gyjagyň.
Kükregim oýlap,
Gerip gujagym,

Bu yssy ülkäň
Her garyş ýerin
Söýüp guçaryn!

*Goşgyny labyzly okaň.*

## GYZYL YŞYK

Ejem ikimiz daýymlara gitdik. Biz uly şähere geldik. Köçede adam köpdi. Köçeden maşynlar geçýärler. Birden ähli maşynlar sakga durdy. Men haýran galdym. Ejem eli bilen swetofory görkezdi. Onuň yşygy gyzyldy. Soňra ýaşyl yşyk peýda boldy. Şondan soň maşynlar geçip gitdi.

Köçäni kesip geçeňde diňe pyýada ýoljagazlardan geçmelidigini ejem maňa düşündirdi. Soňra biz pyýada ýoljagaza baryp, ilki çep tarapa seretdik. Maşyn ýokdy. Biz köçäniň ortasyna baryp, sag tarapa seretdik. Ýol boşdy. Şondan soň biz köçeden geçdik.

*Teksti düşnükli okaň.*



# ERTEKILER DÜNÝÄSI

## ŞÄRIKLI EKIN

Gadym wagtda bir göle, bir geçi we sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykypdyrlar. Bular baryp bir boşluk ýeri ekjek bolsalar, bir tilki gelip:

– Bu ýer meniň atamdan galan ýerdir. Menem şärik etmeseňiz, size ekdirjek däl – diýipdir.

Onda göle;

– Bolýar, seni hem paý edäýeris – diýipdir.

Ondan soň tilki:

– Men size azalyň gulak çöpini getireýin – diýip gidipdir. Soň tilki gaýdyp gelmändir.

Bular bugdaýy ekip, orup, döwüp gyzyl edenlerinde, hälki tilki gaýdyp gelipdir. Göle tilkini görüp:

– Wiý, tilki dost, sen bir gün hem işlemediň. Saňa hiç zat berjek däl-diýipdir. Onda tilki:

– Geliň, şu ýerden ylgaşalyň, kim öňürti barsa, harmany şol alsyn. Yza galana hiç zat ýok diýen.

Onda sakyrtga:

– Geliň, şeýle edeliň – diýipdir.

Muňa hemesi razy bolupdyrlar. Ylgap başlanlarynda tilki öňe düşüpdir. Sakyrtga bolsa tilkiniň guýrugyna ýapyşan eken. Tilki öň baryp, üýşürilen bugdaý däneleriniň üstünde oturjak bolsa:

– Waý, meni öldürdiň – diýip, sakyrtga gygyrypdyr.

Tilki ondan:

– Sen haçan geldiň? – diýip sorapdyr.

Onda sakyrtga:

– Aý, men bireýýäm geldim – diýipdir.

Şeýdip, harmany sakyrtga almaly bolupdyr. Soňra sakyrtga, göle we geçi harmany paýlaşypdyrlar. Tilki bolsa, öz emeline çolaşyp, gallasyz galypdyr.

*Ertekini rollar boýunça okaň.*

# GARGA, TILKI WE SYÇANYŇ DOSTLUGY

Bir garga, bir tilki, bir syçan – üçüsi dost bolupdyrlar. Bular ýurt gezip ýörkäler, tilki bir tamdyryň içinden ullakan bir tegelek ýagly külçe tapypdyr, ony hem gizläpdir.

Bular gezip ajygypdyrlar, iýer-içer ýaly zat tapmandyrlar. Ahyry tilki:

– Men bir zat tapdym, emma üçimize hiç zat boljak däl. Ýöne birimiz iýsek, doýup hezil edäýjekdiýen.

Syçan:

– Eýle bolsa, bije atyşalyň – diýen.

Olaryň hemmesi syçanyň maslahatyna razy bolanlar.

Onda garga:

– Iň gowusy, ýaş sanaşalyň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol iýmeli-diýip, bir maslahat tapan.

Syçan:



– Meniň ýaşym ýigime dokuz – diýen.

Tilki:

– Bow, siz-ä oglanjyk ekeniňiz, şu agajy görýärsiňizmi?! Men ýetginjek wagtymda, ynha, şu agaç ýaňaja gögeripdi – diýen. Şunluk bilen, ýagly külçäni tilki iýen, agzyndan galanyny hem murtuna çalan.

**Soraglar:**

1. Kimler dost bolupdyrlar?
2. Tilki näme tapypdyr?
3. Ýagly külçäni kim iýipdir?

## PIŞIK BILEN SYÇAN

Rowaýatlara görä, gadym zamanlarda pişik bilen syçan ýakyn dost ekenler. Olar hiç zatdan aladasyz bir adada ýaşar ekenler. Ol ýerde guşlar örän köp bolup, pişik olary iýer eken, syçan bolsa hoz we başga agaçlaryň miwelerini iýip ýaşar eken. Günleriň birinde syçan:

– Asyl şu adada seňäp ýörmek halys degnama degdi. Näme diýersiň, kenara göçüp ötäýsek näme bolarka? – diýipdir pişik:

– Deňizden nädip ýüzüp geçeris? – diýip, sorapdyr.

– Bu örän aňsat. Agaçdan gaýyk ýasarys – diýip syçan aýdypdyr. Şeýle diýip, syçan bir agajy süýräp getiripdir-de, dişleri bilen gemirip oýup, pişik ikisi sygjak gaýyjak ýasapdyr. Soňra iki ýoldaş gaýyjaga münüp, ýüzüp gidipdirler. Ýolda gidip barýarkalar garynlary ajygypdyr. Ýöne iýmäge zatlary ýok ekeni. Ikisi garynlaryny mäkäm tutup uklamaga çalyşypdyrlar. Ýöne pişik irkilip başlapdyr.

Syçan bolsa has hüşgärlenipdir. Açlykdan gutulmak üçin syçan gaýygyň aşagyny gemrip başlapdyr. Her gezek pişik gözüni açanda, syçan özüni uklaýan ýaly görkezipdipdir. Syçan gaýygyň düýbi deşilýänçä gemripdir. Deşikden kem-kemden suw girip, gaýyk barha agralyp ugrapdyr. Köp wagt geçmänkä ikisi hem suwda galypdyr. Pişik suwy onçakly ýakdyrmaýan eken, şonuň üçin aşnasyna gaharlanyp:

– Men seni iýerin! – diýip gygyrypdyr.



– Suwdan çykýançak sabyr et, häli iýmäge ýetişersiň – diýip syçan jogap beripdir.

Olar kenara çykanlaryndan soň, pişik:

– Ine, indi seni iýerin – diýipdir.

– Howlukma, sähelçe gurunaýyn. Häzir ähli ýerim öl myjjyk, öl eti iýip hezil tapmarsyň – diýip syçan aýdypdyr.

Şonda syçan pişigiň sadalygyndan peýdalanypdyr-da, kiçijik gowaga girip, gaýyp bolupdyr. Pişik onuň yzyndan girjek bolup biderek urnupdyr.

Men seni tä çykýançaň peýlärin, ýalançy! – diýip ol syçana gygyrypdyr.

– Uzak garaşmaly bolarsyň, men indi bu ýerden asla çykmaryn – diýip, syçan jogap beripdir.

Pişik gowagyň agzynda oturyp, syçan haçan çykarka diýip köp garaşypdyr. Syçan bolsa bu wagt ýeri köwlemäge girişipdir. Ol ýeriň aşagyndan ýer açypdyr-da, gaçyp gidipdir.

Şondan bäri pişik berk uklamaýan bolupdyr. Gijelerine syçan niräni kytyrdadýarka diýip gulak salyp, sagatlap onuň çykmagyny peýläp oturar eken. Syçan bolsa pişigiň özüni peýläp oturanyny duýdugy, gowakdan hiç çykmaýan eken.

*Ertekini gürrüň beriň.*

# AKYL WE BAÝLYK

Bir gojanyň dört ogly bar eken. Bir güni goja ogullaryny ýanyna çagyryp:

– Ogullarym, men indi garrap gojaldym, araňyzdan birsiňiz maşgala baştutanlyk etmegiňiz gerek. Kim akylly we döwletli bolsa, ol maňa miras düşer bolar. Her biriňiz maňa akyllydygyňyzy we döwletlidigiňizi görkeziň – diýipdir.

Iň uly ogly zümerret gaşly altyn ýüzük dakan elini uzadyp:

– Ine, meniň baýlygym, baý adamda akyl hem bolýandyr – diýipdir.

Ikinji ogly zerli donuny geýip görkezipdir:

– Şu wagt meni gören baýlygyma we akylyma kaýyl bolar – diýipdir.

– Üçinji ogly kümüş we jowahyr ötürilen kemerini biline baglap:

– Hiç kim ömründe şeýle kemeri gören däldir- diýipdir.

Goja başyny ýaýkap, uly ogullaryna hiç zat diýmändir. Körpe ogluna garap:

– Sen näme dymýarsyň? Sen haýsy baýlygyň bilen magtanmakçy? – diýipdir.

– Mende zümerret gaşly ýüzük hem ýok, zerli don hem ýok, gymmatbaha kemer hem ýok. Ýöne zähmet söýer elim bar, batyr ýüregim, akylly kelläm bar – diýipdir.

Körpe oglunyň jogaby goja ýarapdyr, bar-ýoguny oňa miras galdyrýan bolupdyr. Uly ogullaryna bolsa onuň sözünden çykmazlygyny tabşyrypdyr.

*Teksti okaň we gürrüň beriň.*

## ÝOLBARS WE GARYNJA

*(Erteki)*

Uly oturylyşykda ýolbars giňden gadam taşlap, haýwanlary özi bilen güýç synanyşmaga çagyrypdyr.

Hemmeler ümsüm durlar, hiç bir haýwanyň ýolbars bilen ýaryşmaga ýüregi döz gelmändir.

Şu ýerden gidip barýan garynja «näme gep hany», diýip üýşmeleň tarapa aýlanypdyr.

Ýolbars:

– Merdiň bolsa meýdana çyk! – diýip gerinipdir. Garynja töwerekdäki haýwanlara



üns bilen seredipdir. Olaryň hiç haýsysy göreşmäge ymtylmandyr.

Şonda garynja:

– Seniň bilen men ýaryşjak, – diýipdir.

– Muny eşiden ýolbars töweregi ýaňlandyryp gülüpdir.

– Meni masgara edýäňmi? – diýip gazaplanyp, – seni bir üflesem uçup gidersiň.

– Ýok, men çynlakaý aýdýaryn, seniň bilen hakyky güýç synanyşmakçy, – diýipdir garynja gaty äheňde.

– Töwerekdäki uly kiçi haýwanlar gorkup, olara seretdiler.

– Hoş şertiň nähili? – soraýar ýolbars.

– Men öz agyrlygym boýunça, soň sen hem öz agyrlygyň boýunça ýük göterýärsiň, – diýipdir garynja.

– Bary şumy? – diýipdir ýolbars äsgermän we öz agyrlygyna deň gelýän ýüki howada oýnadýar.

– Indi ýüki iki esse artdyrýarys, – diýipdir garynja.

– Bu şerti hem ýolbars ýerine ýetiripdir. Ýöne soňky şerti ýerine ýetirmek oňa aňsat düşmedi.

– Indi öz agyrlygymyzdan on esse gelýän ýüki göterýäris, diýýär garynja. Garynja hiç gynanman ýüki göteripdir.

– Ýolbars bolsa özüne on esse gelýän ýüki götermäge näçe urunsa-da, ýerinden gozgap hem bilmändir.

– Ýeňiji garynjany hemme gutlapdyr.

**Sorag:**

Garynja näme üçin ýeňiji boldy?

**Ýumuş:**

Öwünjeňlik hakynda nakyllary tapyp ýazyň.

## MÖJEK WE ÝEDI OWLAK

Bir bar eken, bir ýok eken, bir geçi bar eken. Onuň ýedi sany owlagy bar eken. Ol tokaýda bir çatma gurupdyr. Geçi her gün tokaýa iýmit gözlemäge gider eken. Onuň giden wagty, owlajyklary çatmalaryny gulplap, öýde bolar ekenler. Geçi gelende gapyny kakyp:

– Siz owlajyklar!
– Siz çagajyklar!
– Açaweriň, açaweriň.
– Siziň ejeňiz geldi,
Hem size süýt getirdi!

– diýer eken.

Şundan soň owlaklar gapyny açyp, ejeleriniň öňünden çykar ekenler.

Geçi owlajyklaryny naharlap, ýene tokaýa gider eken. Owlajyklar bolsa gapyny pugta ýapar ekenler.

Bir gün bir möjek bu gürrüňleriň hemmesini eşidýär. Geçi tokaýa giden badyna, ol çatmanyň ýanyna gelip, özüniň ýogyn sesi bilen:

– Siz, owlaklar!
– Siz, çagalar!
– Açyň, açyň
– Siziň ejeňiz geldi,
Hem size süýt getirdi!

– diýýär.

Owlajyklar oňa:

– Biziň ejemiziň sesi inçe bolmalydyr. Seniň sesiň ýogyn çykýar – diýip jogap beripdirler. Möjek çatma girip bilmän, boş gidipdir.

Ýene geçi gelip, gapyny kakyp, öz sanawajyny başlaýar:

– Siz owlajyklar!
– Siz çagajyklar!
– Açaweriň, açaweriň.
– Siziň ejeňiz geldi,
Hem size süýt getirdi!

Owlajyklar ejelerini goýberenlerinden soň, möjegiň gelşini, bulary iýjek bolşuny gürrüň edip beripdirler.

Geçi olary naharlap:

– Möjek çatmanyň ýanyna gelip, ýogyn ses bilen gygyrsa ýa-da başga aýdym

aýtsa, ony çatma goýbermäň, ýogsam ol siziň hemmäňizi iýer-diýip, berk tabşyrypdyr.

*Ertekini okaň we gürrüň beriň.*

*T. SADYKOW*

## BEZZAT ÇAGALAR

Mekdepden gelen Ruslanyň bu gün keýpi ýokdy. Men ondan keýpsizliginiň sebäbini soradym.

– Näme, biri göwnüňe degdimi, uruşdyňmy?

– Ýok, uruşamak. Bilýäňmi, kaka, mekdepde nähili çagalar bar?

– Ýok, bilemok. Nähili çagalar bar?

– Bezzat çagalar bar.

– Olar näme bezzatlyk edýärler?

– Janly burçumyzdaky towşanjygyň gulagyndan çekýärler. Pyşbagany kesekleýärler. Gurbaga görselerem, daş zyňyp ýörler. Ursaň, olaryň bir ýeri agyrar ahyry, şeýle dälmi?

– Howa, agyrýar. Haýwanlara, umuman, hiç hili jandara azar bermeli däl. Dogrudan hem seniň diýýän çagalaryň bezzat ekeni...

– Bilýäňmi, kaka, olar ýene-de näme garagolluklar edýärler?!

– O nähili garagolluklar?

– Agaçlaryň şahalaryny döwýärler.

– Ol-a gowy däl.

– Şahalaryny döwseň, agaçlar üçin agyryly bolýandyr-a, şeýle dälmi?

– Elbetde.

– Men şunça aýdýanam welin, olar gulak asanoklar.

– Bu barada mugallymyňyza aýtmadyňmy?

– Ýok, aýtmadym.

– Aýtmaly ekeniň. Aýdan bolsaň, mugallymyňyz olaryň edýän işleriniň nädogrudygyny düşündirerdi. Olary tertibe çagyrardy.

– Ertir hökman aýdaryn, kaka!

– Şeýt, oglum, aýt! Sebäbi, haýwanlary, ähli janly-jandarlary, tebigaty goramak biziň hemmämiziň borjumyz. Daşyňy gurşan dünýä aýawly garamak bolsa, ynsanyň iň gözel häsiýetleriniň biridir.

**Soraglar:**

1. Ruslan näme üçin mekdepden keýpsiz geldi?
2. Kakasy Ruslana nähili maslahat berdi?
3. Siz tebigaty goraýarsyňyzmy?



## BÜRGÜTDEN ALDANAN ÇAÝKEL

Gadym eýýamda bir garryja aýal bar eken. Bir gün – bu garry aýal ýekeje towugyna ýumurtga basyrdýar. Wagty bolansoň, ol towuk birnäçe jüýje çykarýar. Günleriň bir gününde garry jüýje iýmläp ýörkä, uçup ýören bir çaýkel gelip, towugy alyp göterýär. Garry aýal bolsa gygyryp, näme iş ederini bilmän: «Ganaty gyrylmyş çaýkel, meniň pylança jüýjämi ýetim goýup, bir ullakan ene towugymy alyp gütdi» diýip gygyrýar. Bu garrynyň sesine goňşular gelip:

– Towugyň ullakanmydy? – diýip soraýarlar. Garry mama bolsa:

– Ullakan, agramy azyndan on gadak dagy bardyr diýýär.

Bu söz bu ýerde galsyn. Habary çaýkelden eşit. Ol towugy alyp barýarka öňünden bir bürgüt çykýar. Bürgüt çaýkelden:

– Dost, bu garry mamanyň galmagaly näme? – diýýär.

– Eý, dost, biz-ä bilmedik. Bu aýalyň ömrümizde bir towugyny alyp gaýtdyk, ondada bizi uly ile biabraý edip, galmagallap ýör.

Dost, garryja pahyryň aýdany dogry bolaýmasyn. Hany men bir bu towugy göreýin.

– Ynha, göräý, dost – diýip, çaýkel aýagyndaky towugy bürgüde uzadýar. Bürgüt hem towugy penjesine alyp:

– Dost, bar, garry mama aýt. Onuň diýýän towugy bäş gadak boljak. Bu ikimize nahar boljak däl, ýeke özümi doýursa boldugy. Bar, sen özüň üçin başga biriniň towugyny alarsyň – diýip, çaýkeliň ýeňsesinden itip goýberipdir. Awuny aldyran çaýkel bolsa gultunyp galypdyr.

*Ertekini okaň we gürrüň beriň.*



# SABYRLY BOL!

## I

Bir bar eken, bir ýok eken, bir horaz bilen bir towuk bar eken. Horaz üzümlige girip, bişmedik üzümleri iýmäge başlapdyr. Towuk ony görüp:

– Horaz, iýme, üzüm bişýänçä garaş! – diýipdir. Horaz onuň aýdanyny etmän, bişmedik üzümleri çokalap-çokalap doýup, zordan öýüne gelipdir-de:

– Wah, öldüm, maňa bir zat boldy – diýip gygyryp dyr. Towuk oňa ýag sürgi beripdir weli, horaz gutulypdyr.

## II

Horaz gutulandan soň, meýdana çykypdyr. Ol derläp, çeşmeden sowuk suw içmäge barypdyr. Towuk oňa:

Horaz, entek garaş, içme, sowuklarsyň! – diýipdir. Horaz gulak asman, sowuk suwdan içipdir weli, şol wagt gyzzyrma

tutupdyr. Towuk ony zordan öýüne getirip, doktorlardan bir ajy derman alyp beripdir. Horaz köp wagt ýatyp, gyş düşende gutulypdyr.

III

Horaz gutulandan soň, derýanyň doňanyny görüp, buzuň üstünde taýyp oýnasy gelipdir. Towuk oňa:

– Sen howluma, heniz derýa gaty doňmandyr, buz döwlüp, heläk bolarsyň – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyna gulak asman, ýukajyk doňan buzuň üstüne münüpdir. Buz döwlüpdir we horaz buzuň aşagyna gidip ölüpdir.

**Soraglar:**

1. Horaz näme iýip keselläpdir?
2. Horaz näme üçin soňky gezek keselläpdir?
3. Ol nädip heläk bolupdyr?

## AÝY BILEN ADAMYŇ DOSTLUGY

Bir adam aýy bilen dost bolupdyr. Aýy adama köp ýagşylyk edipdir. Ol adam baý bolupdyr. Bir gün ol adam aýy dostuny öýüne, aýalyna:

– Myhman geldi, nahar taýýarla! – diýipdir.



– Kim ol myhman diýýäniň? – diýip sorapdyr.

Adamsy:

– Aý, ol aýy-la – diýip jogap beripdir.

Aýy är-aýalyň gürrüňini eşidipdir. Oňa dostunyň «aý, ol aýy-la» diýen sözi ýaramandyr.

Ertesi aýy adamy öýüne myhmançylyga çagyryp, gowy hezzetläpdir. Nahar iýip bolandan soň, aýy adama pyçak berip:

– Kellämi pyçak bilen ur! – diýipdir.

Adam urmandyr. Onda aýy oňa:

– Eger pyçagy urmasaň, men seni iýerin – diýipdir. Adam alaçsyz bolandan soň, pyçak bilen aýynyň kellesine urupdyr.

Birnäçe gün geçenden soň, aýy ýene adamy çagyryp:

– Ine, seret, seniň pyçak uran ýeriň ýarasy bitdi. Emma seniň: «Aý ol aýy-la» diýen sözüň ýarasy hiç bitenok. Şoňa görä, men seniň bilen dost bolup biljek däl – diýip aýdypdyr.

*Ertekini okaň we gürrüň beriň.*

## ŞALGAM

Bir garry baba şalgam ekipdir. Şalgam örän ullakan bolup ýetişipdir. Baba şalgamy goparjak bolup, çeke-çeke goparyp bilmändir.

Baba kömege çagyrypdyr mamany. Mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändiler.

Mama çagyrypdyr agtyjagy.

Agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändir.



Agtyjyk çagyrypdyr güjügi. Güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke, çeke goparyp bilmändirler.

Güjük çagyrypdyr pişigi. Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke, çeke goparyp bilmändirler.

Pişik çagyrypdyr syçany. Syçan tutupdyr pişigi, Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke, çeke goparypdyrlar şalgamy.

***Sorag:***

Şalgamy nämäniň kömegi bilen goparypdyrlar?

## ***Nakyllar***

1. Agzy bire taňry bir, agzalany gaňrybir.
2. El eli ýuwar, iki el birigip ýüzi.
3. Ýekäniň çaňy çykmaz.

# ÇÖREK MUKADDESDIR



*G. ÇÖLIÝEW*

## MUKADDES ZAT

Tozana çümüp,
Garylyp çaňa
Ýatan bir çörek
Duş geldi maňa.

Galdyrdym ony,
Basgylanmasyn.
Çörek gum-laýa,
Goý, bulaşmasyn.

Ýyljak çörekden
Gowy näme bar.
Asla çöreksiz
Oňup bolmaýar.

Çöregiň ysy
Özüne laýyk.
Gülüň ysyndan
Ysy ajaýyp.

Mydam Gün bolsun,
Hem bolsun ejem.
Ejem jan bilen
Bolaýyn men hem.

Hem çörek bolsun,
Bolsun örän bol.
Bilseň bar zatdan
Mukaddesdir ol.

**Soraglar:**

1. Çörek nämeden edilýär we nähili bişirilýär?
2. Çöregi nähili saklamaly?

*A. YSMAÝYLOW*

# ÇÖREGIŇ BALA ÖWRÜLIŞI

*(Erteki)*



Gadym döwürlerde bir oglan atasy bilen oduna gidipdir. Odun ýygjak ýerlere baryp, goşlaryny düşürip, işe başlanlarynda oglanjyk:

– Ata, men ajygýan – diýipdir. Atasy oňa çörek berse, ol bir agyz dişläp goýupdyr, işdäsi almandyr. Oglan: «Çörek bilen iýer ýaly bal ýokmy?» diýipdir. Atasy: «Baly alyp gaýtmadym, sebäbi basym çöregiň özi bala öwrüler» diýipdir.

Oglan oýnap, ýene birsellemden çörek iýip görse, ol bal ýaly dälmiş. Atasy oňa: «Sen arkaýyn oýnaber, çörek bala öwrülende özüm aýdaryn» diýipdir.

Oglan köp oýnapdyr. Arasynda atasyna hem kömekleşipdir. Atasy bolsa şol sesini çykarman, diňe odun ýygyp ýörmüş. Ahyry oglan çydaman çörek sorapdyr. Atasy şonda-da entek birneme howlukmaly däldigini aýdypdyr. Oglan ýene atasyna kömekleşipdir.

Şondan soň dadyp görse, çörek bal ýaly süýjimişin. Asyl çöregiň ýanyna hiç zat gerek dälmiş. Onuň özi şeýle bir tagamlymyş, oglanjygyň ony iýdigiçe iýesi gelipdir. Munuň sebäbi nämekä?

**Soraglar:**

1. Oglanjyk atasy bilen nirä gidýär?
2. Ol atasyndan näme soraýar?
3. Atasy oňa nähili jogap berýär?
4. Nädip çörek bal ýaly süýji bolupdyr?

*G. ÇÖLIÝEW*

## DEGIRMEN

Gara öýüň içinde
Gaplaň deýin gürläpdir.
Şol gaplaňy kowalap,
Gyz-gelinler derläpdir.

Tes-tegelek goşa daş,
Meniň gaplaň diýýänim,
Şonuň bilen üwäpdir
Iller her gün iýýänin.

Sähelçejik zat bolar
Bir kersen un gapanda.
Gabarypdyr ak eller
Degirmeniň sapynda.

Maşyn aldy elinden
Degirmeniň işini
Muzeýmizde ol indi
Ýatyr gysyp dişini.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## BUGDAÝ

Bugdaý ýurdumyzda ir döwürlerden bäri ekilip gelinýär. Däneli ekinleriň arasynda bugdaý iň bir peýdaly ekindir. Bugdaý degirmende üwelip un edilýär. Biziň iýýän çöregimiz bugdaý unundan edilýär. Bugdaý unundan diňe çörek däl, makaron, köke, wermişel hem öndürilýär. Şonuň üçin hem obalarda fermerlerimiz köp bugdaý ekýärler.

**Soraglar:**

1. Bugdaýdan un nähili edilýär?
2. Bugdaý unundan nämeler öndürilýär?



*G. AŞYROW*

## SAÇAGYŇ HÜMMETI

Gyzyp duran tamdyrdan
Güneş bolup çykar nan.
Ejem janyň mähri dek
Bar ünsümi çeker nan.

Myhmana giň açanym,
Dolup töre geçenim,
Ýazylanda saçagym,
Elwan öwsüp bakar nan.

«Owuntygma – agzyma,
Sarpa goýgun özüme,
Wepaly bol duzuma»
Diýip, gäwiş çakar nan.

Ýeriň ähli nygmatlary,
Seniň bilen gymmatly.
Başda – saçak hümmeti
Goý, çörege hormaty!

*Goşgyny labyzly okaň.*

*Ş. HALMUHAMMEDOW*

## NAN OWUNTYGY

Gün öýleden agan mahaly Mergen Ýaranyň ýanyna geldi. Ýaran saçagyň başynda güýmenip otyrdy.

Ol saçagyň üstündäki süňkleriň, nan owuntyklarynyň baryny ýere syryp başlady.

– Edýäniň näme?! – diýip, Mergen Ýaranyň eline ýapyşdy.

Ýaran aňk-taňk boldy.

– Hä, näme edipdirin?!

– Heý nan owuntygynam beýleki galyndylara gatyşdyrarlarmy?!

Ýaran hiç zat düşünmedi:

– Galyndydyr-da, hemmesini bile üýşürip, hapa atylýan bedrä gapgaraýmaly bor-da!

– «Nanyň galyndysy bolýan däldir. Onuň her owuntygy-da gyzylyň garyndysy ýalydyr» diýip, mugallymymyz näçe gezek aýtdy?

– Onda nan owuntyklaryny näme etmeli?

– Men-ä gapymyzda, guş-gumrularyň geläýjek ýerinde ýaýbaňja tabak goýdumda, galan-gaçan nan owuntykalryny hemişe şoňa sepeleýän. Onsoň guşlar jürkde-jürk bolşup, tabagyň içini-daşyny edil guş bazaryna öwürýärler. Olara syn etmegem hezil.

– Be-eý, şu diýýäniň-ä dogry. Menem indi şeýtjek!

Şol günden soň Ýaranyň hem dostlarynyň sany bir topar guşlaryň hasabyna artdy.

**Soraglar:**

1. Ýaran nan owuntyklaryny nätjek boldy?
2. Mergen oňa nähili maslahat berdi?
3. Siz nan owuntygyny näme edýärsiňiz?!

*Köpeý ARTYKOW*

# PEÝDALY EKIN

Atyzdan kädiler ýygnalyp bolnupdy. Tagan atasyna garap:

– Kaka, Ataşlaram bizden tohum äkidip, kädi ekipdi. Eken ýerlerem biziňkiden köp bolsa-da örän az kädi alypdyrlar. Biz welin şojagazam az ýerden bir prisep dolduryp kädi aldyk. Munuň sebäbi näme? – diýip, sorag berdi.

Bu soraga birbada Remezany aljyratjak ýaly etdi. Sebäbi onuň diýjek zadyna entek Taganyň düşünmejegi anykdy. Ol şonda-da göwnündäkini sadarak sözler bilen beýan etmegi ýüregine düwdi:

– Kädi adam üçinem, mal üçinem örän peýdaly. Onda ýokumly maddalar köp. Ýöne ony ekeniňden soň idetmegi başarmaly. Kädi bir jynsly. Üstünden günde şemal öwsüp durmasa, ýa gapdalynda balary saklanmasa aňsat tozanlanyp bilmeýär. Onsoňam hasyly az bolýar.

– Tozanlanmak nämä gerek?

– Hasyl öndürmek üçin gerek. Kädi gül-lände düýp tarapdaky erkek gülünden alyp, düwen kädini sapmak gerek. Men muny

saňa öwredipdim. Sen her gün ir bilen turup, düwenlerini sapyp bardyň kädiler uçmadylar hasyl zaýa bolmady. Belki, Ataşlar kädilerini biziňki ýaly edip sapan däldirler.

Onsoňam biz 2–3 gezek has çuň edip kätmen urduk. Ol topragyň ýumşamagyny, dem almagyny üpjün etdi. Damarlaryň çuň kök urmagyna getirdi. Bularam kädileriň uly, süýji bolmagyna şert döretdi.

– Tozanlama näme?

– Tagan jan! Gowy okaber. Howlukma. Botanika kitabyndan oňa jogap taparsyň.

Tagan atasynyň aýdanlary bilen ylalaşdy.

**Soraglar:**

1. Kädi barada Tagan atasyna nähili soraglar berýär? Atasy näme üçin aljyrajak bolýar?

2. Remezan kädi ekeni barada ogluna nämeler diýýär? Siz balarylaryň peýdasy barada öň eşidipmidiňiz?

*Hojageldi NURMYRADOW*

## BUGDAÝÝŇ ALNYŞY

Bugdaý egip altyn başyn,
Şeýle diýýär, garap daşyn:
«Sag bol, güneş!»
Sag bol, ýagyş!

Sag bol, senem ene toprak!
Ýetişýänçäm eklediň sen.
Meni gorap, sakladyň, sen.
Sag bol, senem goly güýçli,

Mertebesi belent daýhan.
Öz işine belet daýhan!
Bütin gyşda ýerde ýatdym,

Garda busup, uka gitdim.
Aýazda-da, sowukda-da
Ýagty güneş nur beripdi.

«Birden-de sen üşäýme» diýip,
Meň üstümde döş geripdi.
Indi daýhan,
Sen edip jan,
Ýaltanma-da or sen orak,
Ýadama-da döw sen döwek.

Beýik Watan harmanynda,
Egsilmejek ammarynda,
Näçe diýseň, kän bolaryn.
Bereketli saçagyňda,
«Mele, myssyk nan bolaryn».

**Soraglar:**

1. Goşgyny labyzly okaň.
2. Bugdaý öz ösüşi, kök urşy, gyşda sowuga, aýaza garşy durşy barada näme diýýär? Onuň topraga ýüzlenip aýdanlaryny tekstden tapyň.
3. Siz bu goşgudan başga-da bugdaý hakynda döredilen haýsy eserleri okapdyňyz?
4. Bugdaýyň ynsan durmuşyndaky ähmiýetini gürrüň edip beriň.

*Abdylla AWLANY*

## AÇGÖZLÜK

Bir çaga köçede aglap otyrdy. Geçip-gidip ýörenlerden biri: «Oglum, saňa näme boldy? Näme üçin şeýle köp aglaýaň?» diýip sorady.

Çaga: «Bir şaýy teňňäm bardy. Ýitiräýdim. Şonuň üçin aglaýaryn» diýdi. Ýaňkynyň oňa rehimi geldi. Kisesinden bir şaýy teňňe çykaryp berdi.

Çaga ony alyp, ýene öňküsinden batly aglamaga başlady. Ol adam: «Indi nämä aglaýarsyň?» diýip sorady. Çaga: «Wah, atajan, eger öz şaýy teňňäm ýogalmadyk bolan bolsa, onda häzir teňňäm iki şaýa ýetäýjek ekeni» diýdi.

*Gözüň aç bolmasyn oglum, gözüň aç.*
*Kanagatsyz kişini ukladyp gaç.*

**Soraglar:**

1. Hekaýa gatnaşan çaga nähili baha berýärsiňiz? Näme üçin?
2. «Gözüň aç bolmasyn oglum, gözüň aç» şertindäki söz düzüminiň manysyny aýdyň.

*Talyp ÝOLDAŞ*

## NAN HAKYNDA

Pikirlensem nan hakda
Oýlarym tamam bolmaz
Oýlansaňyz çagalar
Sizede ýaman bolmaz
Çörek günde, her ýerde
Ynsana dost, gadyrdan!

Oň gadyryny bilýäris
Hemmämiz hem gadyrdan.
«Çöýök» diýip bäbekler-
Tamşanyşyny ýatlaýan.
Gojalamda bäş ýaýkap
Şu gün uzak ýatlaýak.

Geçmiş açlyk, belasy,
Kölgeleder hyýalym.
Durmuş üçin iň zerur,
Nan ekenligi mälim.

Görendirin, bu çörek
Durmuş bilen barabar
«Aýawly garaň nana»
Diýipdirler babalar.
Akmy, gara nan bolsun,
Meýli köne, gatany.

Wagty gelse tapylmaz,
Onuň ýerde ýatany
Uly kiçi çörek diýip,
Derin döker oýlansak.
Kim näme diýer, biz ony
Horlap, zyňyp oýnasak?!
Kiçi ownuk diýip nany,
Zaýalamasaňyz eger.
Bilip goýuň, elmydam
Öýleriňize nur ýagar.

**Soraglar:**

1. Goşgyny labyzly okamaga taýýarlanyň.
2. Şahyr goşgusynda çagalardan nämeleri haýyş edýär?
3. Goşgudan babalarymyzyň nan hakynda aýdan sözüni tapyp okaň we ýatlaň.
4. Şu goşgyny ýazmakdan şahyryň maksady näme?
5. Siz çörege nähili baha berýärsiňiz?
6. Goşgudan göwnüňize ýaran bentleri ýatlaň.
7. «Bilip goýuň, elmydam öýleriňize nur ýagar» diýen jümlelerden nämeler düşündiňiz?

# GELDI BAHAR GÖWÜNLER AÇYLAR

## BAHAR

1-nji martdan başlap ülkämizde bahar ýaz pasly başlanýar. Babadaýhanlarymyz ýaz ekişine başlaýarlar, baglarda ýazky ýumuşlary bejermäge başlaýarlar.

Mart aýynda gün barha ýokary göterlip, ýeriň ýüzüni gyzdyryp başlaýar. 21-nji mart güni gije bilen gündiz deňleşýär.

Bahar gelen bolsa-da, mart aýynyň başlarynda howa tiz-tiz üýtgäp durýar. Ýagny, maýyl şemal öwüsýär, agşamara we ir bilen ümür düşýär, güýçli ýagyn ýagýar.



Baharyň ilkinji gülleri açylyp ugraýar. Olara sary gülli baýçeçek, dury gök gülli çuçmama, benewşeler, çigildemler we başga güller degişlidir.

Agaçlar pyntyklaýar, gülleýär. Mart aýynda mör-möjekler gyşgy ukudan oýanýarlar. Gurbagalar gurruldap «aýdym aýdyp» başlaýarlar. Leglek, daşdeşen, käkilik, garlawaç we durnalar uçup gelýärler.

Aýy, kirpi, tilki we möjekler gyşgy ukudan oýanýarlar.

**Soraglar:**

1. Bahar ýaz pasly haçan başlanýar?
2. Baharyň ilkinji günleri howa ýagdaýy nähili bolýar?
3. Iň ilki haýsy güller açylýar?
4. Baharda haýsy guşlar uçup gelýärler?
5. Siz olary nähili garşylaýarsyňyz?

*N. GULLAÝEW*

## IR BAHARDA

Sowuldy gyş,
Hezillik,
Ýagyş ýagdy,
Ezildik,

Ýag, ýaganak,
Ýaýnaly.

Guý, guýanak.
Oýnaly.

Çaýlar dolup.
Şarlaşýar.
Otlar örüp
Parlaşýar.

**Soraglar:**

1. Bahar sözüni haýsy söz bilen çalyşyp bolar?
2. Goşgyny ýat tutuň.

*Esen RAHIMOW*

## GOŞANT GOŞ

Bir nahaldan ekse her kim,
Älem tokaý bolar.
Bir nahaldan kesse her kim,
Tokaý gurban bolar.
Agaçsyz ýokdur ýaşaýyş,
Bag etmäge goşant goş.

*UÝGUN*

## AGAÇLARYŇ SÖHBETI

Bahar geldi. Älem gülüstana öwrüldi. Güneş öz şöhlesini gaýgyrman saçyp dur. Agaçlar pyntyklap, ýapraklap başladylar. Şol mahal al güllere bürenen alma agajy:

– Bagda menden gözel agaç bolmasa gerek, güllerim topbak-topbak, ýapraklarym mylaýym, nepis, ysym diýseň göwnüni göterýär, – diýip öwündi. Bu sözleri eşidip duran alça özüni dürsedi-de:

– Seniň gülleriň birnäme gödegräk, ynha meniň güllerimi aýtsaň bolar, näzik, ap-ak, ýapraklarymy görseň edil zümerret ýalydyr, – diýdi. Söhbete müşşerip duran şetdaly agajy goşuldy:

– A-how, köp öwünibermäň, eger meniň al reňkli güllerim bagyň görküne görk goşmasa bag şeýle gözel bolmazdy. Güneşde ýalpyldap towlanyşymy görmediňizmi ahyryn? – diýip şetdaly öwündi.

– Ýok, – diýdi çereşnýa, – seniň görnüşiň owadan gülleriňi gowy görkezip bileňok, ynha meni... – diýdide, çereşnýa sesini kesdi Çünki ol bireýýäm güllerini döküpdi.

– Hä, näme dymyp dursuň, buýsanyber? – diýip agaçlar öýke etdiler. Aslynda bolsa çereşnýanyň nähili owadan gülüniň bardygyny ähli agaçlar gowy bilýärdi.

**Soraglar:**

1. Haýsy agaçlar ir, haýsylary giç gülleýär?
2. Näme üçin çerşenýa sözüni dowam edip bilmedi?
3. Öwünjeňlik barada nakyl aýdyň.



## 8-NJI MART

8-nji mart aýal-gyzlaryň baýramçylyk günüdir. Bu baýrama ýaz baýramy hem diýilýär, sebäbi ol ýaz günleriniň birine gabat gelýär. Biziň ýurdumyzda aýal-gyzlar zawodlarda we fabriklerde zähmet çekýärler.

Bu gün her bir çaga öz mähriban ejesini baýramçylyk bilen gutlar, enelere gül dessesini gowşurarlar. Biz öýde kakama garaşarys. Ol işden geler, gyz jigime, ejeme sowgat getirer. Agşam biziň hemmämiz aýal-gyzlaryň baýramçylygyna bagyşlanan konserte gitjek.

*Teksti okaň.*

## 8-NJI MART GELDI

Ak garlary eredýän
8-nji mart geldi.
Dünýäde gül döredýän
8-nji mart geldi.

Meňzäp eneň keşbine,
Meňzäp şatlyk köşgüne,
Joşgun goşup joşguna,
8-nji mart geldi.

Uzat ene, elleriň,
Kabul et, ter gillerim,
Waspyň edýär dillerim,
8-nji mart geldi.

Gutly bolsun, jan eje,
Saňa söýgim kän, eje,
Heýjan elek, jana jan,
8-nji mart geldi.

Goşgyny ýat tutuň.

## SAZY SÖÝÝÄN GÜLLER BARADA ERTEKI

Suraý atly bir gyz bar eken. Ol gülleri idedýän eken. Saz çalmagy hem gowy görýän eken.

Howludaky güller ony görende baş egip salam berer ekenler. Saz çalanda bolsa ähli güller çemen bolup açylar ekenler. Gülleriň arasynda ortarada bir sany çigillem gögerip çykypdyr we gunçalapdyr.

Suraý onuň açylmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşypdyr. Ýöne çigillemiň gunçasy açylmandyr. Bir güni Suraý ony barmaklary bilen açmakçy bolanda çigillem dillenip:

– Suraýjan, Seniň sazlaryň maňa örän ýakdy, şonuň üçin hem açylmaga howlugamok. Ýene bir iki sany saz diňläsim gelýär, – diýipdir. Suraý derrew ony sypalapdyr.

– Bagyşla meni çigillemjan, men seni zorlap açmakçy boldum, – diýipdir-de, öýüne ylgap girip saz çalyp başlapdyr. Agşamara eken, eýýäm garaňky düşüpdir. Suraý gülüň açylandygyny ýa-da açylmandygyny bilmändir.

Daň bilen turup seretse çigillem gyp-gyzyl bolup açylypdyr. Suraý begenip:

– Salam çigillemjan, meniň dostum, – diýipdir. Çigillem bolsa baş egip, Suraý bilen salamlaşypdyr.

## Soraglar:

1. Gülzarda haýsy gül açylmandyr?
2. Gyzjagaz näme edipdir?
3. Çigillemiň gunçasy haçan açylypdyr?

## *Nakyllar*

Aý dogsa, älem görner.
Ody gozgasaň, öçer,
Goňşyny gozgasaň, göçer.
Hakykat polady ýarar.
Çopanyň aýagy ýetmese, taýagy ýeter.
Ulynyň diýenini etmedik uwlar.
Işleýäne «Arma» diýip aýdarlar.
El eli ýuwar, iki el birigip, ýüzi ýuwar.
Ýalançy töre bir geçer.
Aýda gelsin – aman gelsin.
Aýakda bolandan, agyzda bolsun.
Göreşde ataň bolsa-da ýyk.
Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer.

## MATALLAR

Bir derede böwri alaja guş ýatyr. 

Bir küýzede iki suw,
Her haýsy bir tagamdyr. 

Ýer astynda ýagly çybyk.



Iki uç iki halka,
Ortasynda myhy bar.



Mundan urdum gylyjy
Arapda şaňlar ujy.



Ýere girer, gum atar.



Pessejik tamdan gar ýagar.



## ÝADYGÄRLIK

Oglanjyk yzy-yzyna sorag berýärdi. Merdan aga bolsa olaryň köpüsine jogap berse, käbirlerine baş atmak bilen oňýardy. Olar şeýdip kiçeňräk baga ýetdiler. Bag uly bolmansoň adamlaram onça köp däldi. Batyr atasynyň gapdaly bilen ýöräp barşyna daş-töweregine göz aýlaýardy. Birdenem onuň gözleri bagyň edil ortarasynda beýgelip duran ýadygärlikde saklandy. Ol ýadygärlik gaty beýikdi. Ine, şonuň üçinem ol aýratyn saýlanyp durdy.

Merdan aga ýadygärligiň edil gabadynda saklandy. Golaýdaky agaç sekilerine geçip otyrdy. Häliden bäri ýadygärlige aňkarylyp duran agtygyna seretdi-de myssa ýylgyrdy.

*Teksti okaň we gürrüň beriň.*

*A. BAÝMURADOW*

## ÝAZ ÝAGYŞY

Üwräp uzyn şahalary,
Ýazyň mymyk eljagazy,
Pyşyrdapjyk hüwdüledi,
Gyzyl köýnek güljagazy.

Az salymdan çalja bulut,
Çalja murtun towlap gitdi,
Şahalara monjuk düzüp,
Töweregi suwlap gitdi.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## JERENJIK ÇOPANLARYŇ GOŞUNDA

Ýaz günleriniň biridi. Jerenjik kakasy bilen kömelek gözlemäge gitdi. Howa örän durudy. Jerenjik eýýäm alty kömelek tapyp, haltajygyna salypdy.

Birden howa garaldy. Ýagyş ýagyp başlady. Kakasy Jerenjigi penjegine dolap, gujagyna aldy. Meýdan suw sil boldy.

Golaýda bir küme bardy. Bular kümä tarap gitdiler. Küme çopanlaryňky eken. Çopanlar olary oňat garşylady. Jerenjigiň kakasy penjegini serdi. Jerenjik çopanlar bilen owkat bişirdi, çaý gaýnatdy. Olar şol gün çopanlaryň goşunda ýatdylar.

Ertir öýe ugramaly bolanda, Jerenjik:

– Sag boluň! Hoş galyň! – diýip, çopanlar bilen hoşlaşdy.

**Soraglar:**

1. Haýsy günlerdi?
2. Jerenjik kakasy bilen nirä gitdi?
3. Jerenjik näçe kömelek tapdy?
4. Birden howa nähili boldy?

5. Kakasy näme etdi?
6. Olar nirä bardylar?
7. Küme kimiňki eken?
8. Olar şol gün nirede boldular?
9. Ertesi hoşlaşanlaryna, Jerenjik çopanlara näme diýdi?

## ÇEŞMEJIK

Baýyrlaryň arasyndan bir çeşmejik akyp geçýär. Onuň dury suwunyň astyndaky daşlar göm-gökje bolup görünýär. Gyşyna-da, tomsuna-da, güýzine-de, ýazyna-da onuň başy mör-möjeklerden, guşlardan doly. Bu gün bolsa onuň başyna owlak guzujyklar hem gelip, bökjekleşip, oýnaşyp ýör.

Çeşmejigiň başyndaky şatlygy gökden synlap duran Gün oňa şeýle diýdi:

– Çeşmejik, ýylyň dört paslynda-da seniň başyňda şowhun kemelenok. Sen haýsy pasly gowy görýärsiň?

– Meniň üçin pasyllaryň hemmesi hem gowy – diýip, çeşmejik jogap beripdir. – Ýöne men pasyllaryň içinde bahary has gowy görýärin.

– Näme üçin? – diýip, Gün onuň sebäbini anyklajak bolup sorapdyr.

– Sebäbi baharda meniň suwum köpelýär. Meniň suwum näçe uzak ýerlere ýetse,

şonça-da aýdym – saz köpelýär. Şonça giň ýeri gök maýsalar bezeýär diýip, çeşmejik bygyr-bygyr gaýnap, saz edipdir.

**Soraglar:**

1. Çeşme öz suwuny nireden alyp gaýdýar?
2. Gün çeşmeden näme sorapdyr?
3. Çeşme nähili jogap berýär?

## NOWRUZ BAÝRAMY

Her ýylyň 21-nji martynda musulman halklary Nowruz baýramyny – Täze ýyl baýramyny belleýärler. Biziň Watanymyzda bu baýramy bellemek Özbegistan garaşsyz döwlet bolandan soň başlady. Biz indi öz däp-dessurlarymyza eýe bolduk.

Nowruz baýramyna hemmeler oňat geýnip köçä çykýarlar, ýörite meýdançalarda üýşüp, aýdym aýdýarlar, tans edýärler. Birnäçe ýerlerde at çapyşygy hem geçirilýär. Hemme ýerde toý, şatlyk, baýramçylyk. Adamlar bir-birlerini Nowruz baýramy bilen gutlaýarlar.

Nowruz baýramy hemişe ajaýyp bahar günlerine gabat gelýär.

**Soraglar:**

1. Nowruz barada aýdyp beriň.
2. Nowruzda nämeler edilýär?



## NOWRUZ GELDI, ÝAZ GELDI

Nowruz geldi, ýaz geldi,
Durna geldi, gaz geldi,
Ýap-ýaşyl çarbaglardan,
Bilbilden owaz geldi.

Nowruz geldi bu gije,
Bişiriň nowruz köje.
Köjesi şirin mamalara
Bereliň jübüt jüýje.

Gülgün eken köýnegiň,
Güldeý näzik bilegiň.
Nowruz geldi, gül geldi
Aýtgyn bolsa dilegiň.

Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar.
Nowruzda gazan dolsa,
Ilimizi bagt guçar.

*Goşgyny ýatlaň.*

## NOWRUZ – BAHAR BAÝRAMY

Baharda howa maýyl bolmagy bilen tebigatda özgerişler başlandy. Agaçlar janlandy.

Tallar hem pyntyklap dur. Şeýdip ülkämize bahar gelýär. Baharyň gelmegi bilen Nowruz hem gelýär. Hemme ýerde dürli güller we miweli agaçlar gülleýär.

Nowruzyň gelmegi bilen dürli milli tagamlar bişirilýär. Olardan ýag, gaýmak, jyjjyk, hoz salnyp bişirilýän çelpek we petirler örän tagamlydyr. Narpyz ysmanak ýaly otlardan ysmanak bişirilýär. Hemmeller gök lybasa bürenen düz meýdanlara çykyp dürli baýramçylyk oýunlaryny oýnaýarlar.

Siziň baharky kanikul hem Nowruza dogry gelýär. Kanikulda tebigata şeýle çyksaňyz hezil edinersiňiz.

# GUŞLAR WE HAÝWANLAR BIZIŇ DOSTLARYMYZDYR

## ÖÝ HAÝWANLARY

Düýe, eşek, at, sygyr, goýun, geçi pişik, it – bulara öý haýwanlary diýilýär.

Öý haýwanlary adamlara köp peýda berýär. At adama münmek üçin ulagdyr. Düýe hem ýük daşamakda ulanylýar. Düýänin eti iýilýär, süýdünden çal edilýär. Düýe çaly derman bolýar, ýüňünden hem saçak dokalýar, ýorgan edilýär. Sygyr bolsa süýt, gatyk gaýmak we ýag berýär. Sygryň hamyndan köwüş dikilýär. Goýun et ýag ýüň berýär. Onuň yüňünden jorap ellik dokalýar. It howly saklaýar. It adamlara wepaly haýwandyr. Goýun itleri çopanlara sürini goramakda kömek edýärler. Itler serhetçilere serhedi goramakda kömek berýärler. Pişik öýdäki syçanlary tutup, adamlara peýda berýär.

Adamlar öý haýwanlaryny idedýärler. Gyş günleri olary sowukdan goraýarlar.

**Soraglar:**

1. Öý haýwanlary haýsylar?
2. Olaryň nähili peýdasy bar?
3. Siz öýüňizde nähili haýwanlary saklaýarsyňyz?
4. Siz ýene-de nähili haýwanlary bilýärsiňiz?

## TAÝÇANAK



Has ýaşajyk dor taý men,
Kiçem bolsam zor taý men.
Idetseňiz mazaly,
Atylaryn ok ýaly.

## GUZY



Men bir çalja guzy men,
Söýýän çöli düzi men.
Öýde peçejik iýýän,
Torly paçajyk iýýän.

## PIŞIJEK

Peýläp ýatar pişijek,
Syçan tutar pişijek.
Çörek berseň iýer ol,
Soňra myr-myr diýer ol.



## AT



At aýdar böker men,
Çapsam suw dek akar
men,
Duşman bilin büker men
Menzil mekan içinde.

## SYGYR



Sygyr aýdar molaryn,
Öz gölämi halaryn,
Ot tapmasam nalaryn
Gamyş hyşşa içinde.

## ÇÖL HAÝWANLARY

Ýolbars, gaplaň, gulan, keýik, towşan, tilki şagal, möjek ýaly haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär. Bu haýwanlar çölde, dagda, tokaýda ýaşaýarlar.

Olar özlerine we çagalaryna iýmiti dürli ýollar bilen agtarmaly bolýarlar. Çöl haýwanlary üçin gyş pasly has kyn we agyr pasyldyr. Şoňa görä-de olar gydşa has horlanýarlar.

Çöl haýwanlary özlerinden ejiz haýwanlary awlaýarlar.

**Soraglar:**

1. Nähili haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär?
2. Gyşda çöl haýwanlary nähili bolýar?
3. Siz ýene haýsy çöl haýwanlaryny bilýärsiňiz?

# HAÝWANLARYŇ JEDELI

*(Erteki)*

At, sygyr we it: – Biziň haýsy birimizi eýämiz gowy görýär – diýip, özara jedel edipdirler.

At: – Elbetde, meni. Men onuň ýerini sürýärin, odunyny daşaýaryn. Özi bolsa, nirä gitse üstüne münýär. Mensiz ol ýaşap bilmez – diýipdir.

Onda sygyr: – Ýok meni gowy görýär, men onuň maşgalasyna süýt, gatyk, süzme bilen bakýaryn-diýipdir.

It bolsa: – Men eýämiň hemme zatlaryny goraýaryn, şonuň üçin hem ol meni gowy görýär – diýipdir. Bu jedelini eýesi eşidip:

– Jedeliňiz näme siziň hemmäňiz hem maňa gerek, her haýsyňyz öz ýeriňizde gowusyňyz diýipdir.

**Soraglar:**

1. Haýsy haýwanlar jedel edipdirler?
2. Olaryň jedel edişlerini gürrüň edip beriň.
3. Näme üçin haýwanlaryň eýesi olary gowy görýär?

# ÝAZ

Sowuk gyş gutardy. Indi ýaz geldi. Häzir ýylyň ýaz pasly. Ýazyna günler

uzaýar. Howa maýyl bolýar. Meýdanlarda otlar gögerýär. Dumly-duş gök öwüsýär. Daýhanlar ekin ekýärler. Ýazyň gutarmagy bilen tomus düşýär. Ýazda ekilen ekinler tomsuna hasyla durýarlar. Daýhanlar ekinleriň hasylyny ýygýarlar. Özlerinden artan gök we beýleki önümleri şäher ilatyna berýärler.

**Soraglar:**

1. Häzir ýylyň haýsy pasly?
2. Ýazyna günler näme edýär, howa nähili bolýar?
3. Daýhanlar ýazyna näme edýärler?
4. Ekinler haçan hasyla durýar?
5. Daýhanlar ekinleriň hasylyny näme ederler?
6. Olar özlerinden artýan önümi kime berýärler?

## KEPDERI

Sallanjyrap, sypanyp,
Darandan soň
başyny.
Enaýyja garanýar,
Töweregini-daşyny.

Dostlugyny bildirip,
Mygyr-mygyr
seslenýär.
Päkizeje, owadan,
Hemme ýerde
islenýär.

Ekdi bolup ellere
Bir münýär-de, bir
düşýär,
Parahatlyk simwoly,
Asmanda ganat
açýar.

Goşgyny ýat tutuň.



## GUŞLAR – BIZIŇ DOSTUMYZ

Guşlar baharda dynman hereket edip, özlerine höwürtge ýasaýarlar. Çagalar hem daragtlaryň başynda guşlar üçin öý ýasap goýýarlar. Guşlar höwürtgelerine ýumurta goýup, çaga çykarýarlar.

Okuwçylar, guşlar barada alada ediň!

Guşlaryň ýumurtgasyna we çagalaryna degmäň! Guşlaryň höwürtgesini bozmaň! Köp guşlar ekinlere zyýan berýän mör-möjekleri we olaryň tohumlaryny gyryp, bize peýda getirýär.

# GANATLY DOSTLAR

Biz ir bilen Çowlysaýdan daga tarap ugradyk. Belentli-pesli depelerdäki göm-gök otlar salkyn şemalda ýuwaşja yranyp, dürli güller ýakymly ys ýaýraýardy. Öýläne golaý çeşmäniň boýundaky saýaly bir daragtyň kölegesinde dynç aldyk. Daş-töwerek örän owadandy. Güller uly meýdanda ýaýylyp ýatyrdy. Ümsümlikdi. Diňe çeşmäniň şyrryldysy we bal arylaryň wyzzyldysy eşidilýärdi. Bir bal arysy golaýymyzdaky güle gondy-da gülüň şiresini sorup ýene golaýymyzdaky güle gondy-da gülüň şiresini sorup ýene uçup gitdi. Biz ony üns bilen synladyk. Ol daragtyň gowagyna uçup gitdi. Gowak üç adamyň boýy ýaly belentlikdedi. Bal arylar dyngysyz uçýarlar.

Bal arylaryň hininden aşakda bir gara ýylan agaja çyrmaşyp, assa-ýuwaşdan ýokaryk götelip barýardy. Onuň daşky görnüşi agajyň gabygyna meňzeýärdi. Daş oklaly diýsek, guşuň höwürtgesine degmegi mümkin. Onda näme etmegimiz bolar?!

Ýylan bal arylaryň hininiň golaýyndan geçip ugrady, zergaldak bolsa ýene batlyrak nalaýardy.

– Aý, näme bolsa şol – diýip ýoldaşlarymyzyň biri eline daş aldy. Şol wagt duýdansyz bir waka boldy. Bal arylar birden ýylana topuldylar. Ýylan patlap ýere gaçdy. Ol ýere gaçansoň bal arylaryň birnäçesi ony çakdy.

Agajyň aşagyna baryp seretsek ýylan bulanyp ýatan eken.

Zergaldak bal arylaryndan minnetdar bolan ýaly batly saýrapdyr.

**Soraglar:**

1. Näme üçin guşlar biziň dostumyz diýýäris?
2. Hekaýany okaň we gürrüň beriň.

## SERÇE

Öwer serçe bagyny:
Jürk, jürk-jürk,
Söýer ol ýaz çagyny
Jürk-jürk-jürk.
Gyşy ol duýmaz hijem,
Jürk-jürk-jürk.
Ýurduny taşlap gitmez
Jürk-jürk-jürk.

*Goşgyny ýat tutuň.*

# SARGYLDAK

Maý aýynda baglarda ýapjagazyň kenarynda ösýän agaçlaryň şahalarynda ajaýyp bir guşuň owazy peýda bolýar. Edil bir naý çalan ýaly duýulýar. Hany, ol nähili guş eken? Ýöne ony göräýmegem aňsat däl. Ol hemişe gür ýapraklar arasyna gizlenip gezýär. Hatda by guş günortadan uçup gelýän başga guşlara garanda-da ep-esli gijiräk, ýagny agaçlar ýapraklary gür bolup ösende, olaryň arasynda gizlenip bolýan ýaly uçup gelýärler. Bu guşuň näme üçin beýle gizlenip gelýändigini, ony bir göräýseňiz derrew bilersiňiz. Çünki ol örän owadan peýdaly bilen her kimiňde ünsüni özüne çekýär. Şonuň üçin hem olar özlerini gizläp saklaýarlar.

Sargyldaklar özleriniň höwürtgelerini agaçlaryň inçe şahasyna sebetjik şekilinde örän ussatlyk bilen gurýarlar. Maýyň ahyrlarynda ýa-da iýunyň başlarynda 4–5 sany ýumurtgadan guzlaýar. Seýrek gara ýa-da goňur tegmilli ýumurtgalary ak reňkde süýji şekilde bolýarlar.

**Soraglar:**

1. Gür ýaprakly agaçlaryn arasynda nähili guşlaryň sesi eşidilýär?
2. Sargyldak nähili guş?
3. Ol nähili peýda getirýär?

## GUŞLAR

Gözel görkli obamyzda,
Saýramaga geliň guşlar.
Şahalardan şaha böküp,
Oýnamaga geliň guşlar.

Çöllerde açyldy güller,
Çaýlar dolup geldi siller,
Ýaz ýagşyny ýüzün ýuwup,
Ýalpyldaýar aýdyň ýollar.

Höwürtgeler ýasanmaga,
Geliň guşlar obamyza.
Däne sepdik köçelere,
Iýmit kändir, guşlar size.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## GÜJÜK WE OWLAK

Günleriň birinde giň meýdanda güjük bilen owlak duşuşypdyrlar.

– Salam! – diýipdir ilkinji bolup güjük.
– Salam! – diýipdir owlak begenip.



– Nirä barýaň? – diýip sorady güjük.

– Otlamana. Sen näme?.

– Men howlymyzy goraýaryn, hol taýda ýaşaýaryn. Sen näme edýäň owlajyk? – diýip güjük sorady.

– Men enem bilen eýemiziň dosty. Enemden süýt sagyp alýarlar. Ýumşak ýüňüm darap ýüň alýarlar. Men hem ulalamda, eýemize gaýmakly süýt bererin, ýüňlerimden ýylyjak geýim dokarlar.

– Hä, owlajyk, gaty gowy, men seniň bilen tanşanyma örän şat.

– Menem şat güjüjek, diýip olar hoşlaşdylar.

* * *

Dost bolmak gowy adat.
Berer saňa uly bagt.

**Soraglar:**

1. Güjük bile owlak nähili dost bolupdyrlar?
2. Bular öý haýwanlarymy ýa-da çöl haýwanlarymy?
3. Teksti okaň we gürrüň beriň.

## ÇEBŞEJIK

Ýaz aýlarynyň bir günüdi. Kakam bir işler bilen guma gidipdi. Kakam gumdan öýe öwrülip gelende, maňa bir ýaraly çebşejik getirip berdi. Men kakamyň getiren çebşejigine ýatak ýasadym. Ony terbiýeläp oňa günde ot-suw berdim. Çebşejik maňa has hem öwrenişdi. Onuň indi ýaralary hem gutuldy. Men günde çebşejigimi sypalap ony käte ýanym bilen hem alyp oýnaýaryn. Men çebşejigimi oňat görýärin.

*Teksti okaň.*

*A. BAÝRAMMYRADOW*

## BILBIL

Gygyryşýar horazlar,
Gyzaryp gün dogmandy.
Ejem heniz höwlümläp,
Sygrymyzy sagmandy.

Hoşa elim ýetende,
Bagda bilbil saýrady.
Päk howada hoş owaz,
Dumly-duşa ýaýrady.

Bilbiliň şat aýdymyn,
Doýmadym diňläp-diňläp.
Gün dogmansoň bagşy guş,
Gitdi aýdymyn soňlap.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## Nakyllar

Ýaz ýatan – gyş aglar.

* * *

Işlemedik – dişlemez.

* * *

Bu günki işiňi ertä goýma.

* * *

Galan işe gar ýagar.

* * *

Hünärli zor, hünärsiz hor.

* * *

Köp ýaşan bilmez, köp okan biler.

* * *

Çekseň zähmet, ýagar rähnet.

* * *

Ýatan öküze iým ýok.

* * *

Hormat etseň hormatlanarsyň.

* * *

Ulyny hormat et, kiçini syla.

* * *

Altyn alma alkyş al.

* * *

Agzybirlik hemme zatdan güýçlüdir.

*Nakyllary ýatlaň.*

*Magtymguly PYRAGY*

## IÇINDE

Ýaýylar ganat-ganat,
Hup açylar depderler.
Bölek-bölek kepderler
Hüw diýr harman içinde.

Bilbil aýdar köşgüm bar
Bahar gözleşigm bar.

Gülzar üçin yşkym bar,
Bagy-bossan içinde.

Durna aýdar uçar men,
Bagdat suwun uçar men.
Gyş Hindistan göçer men,
Läle zaran içinde.

Musija diýr giter men,
Geldim-bildim öter men.
Üç agaçny çatar men,
Guzlap weýran içinde.

Turaç tili senada,
Ördek tili penada,
Gazlar galkyp howada,
Gözi umman içinde.

Gumrular owaz bilen,
Tawus işi näz bilen,
Kaknus guş müň saz bilen
Şol Hindistan içinde.

Toty guşlar razlaşyp,
Emri-hakny gözleşip,
Adam tilin sözleşip,
Gezer ynsan içinde.

Gurt aýdar üzer men,
Nirden kylsam güzer men.
Ryskym awlap güzer men,
Çöl – beýewan içinde.

At aýdar aslym zordur,
Munça gymmatym bardyr.
Üstüme münen ärdir,
Dag-düz meýdan içinde.

Ýaby aýdar men gende,
Üstüme münen bende.
Azabym köpdür günde,
Göwnüm arman içinde.

Eşek aýdar aslym daş
Hyzmat bilen bagrym baş.
Saman tapsam köňlüm hoş,
Janym aram içinde.

Düýe aýdar otlar men
Otlan ýerim ýatlar men.
Elmydama botlar men,
Ol gülüstan içinde.

*Goşgyny labyzly okaň we üç-dört bendini ýatlaň.*

*N. BAÝRAMOW*

## MEÝDANYŇ SOLTANY

Haýsydyr bir eýýämde tohumlyk däneleriň arasynda jedel bolanmyşyn. Gezegi tüwi alypdyr-da, donuna sygman paňlapdyr.

– Men beg aşdyryn. Hökmirowan şalar, zer-zerbap donly hanlar maňa baş egýärler.

Şol sebäpli ýedi yklymyň soltany mendirin. Künji onun alkymyndan alypdyr.

– Agzy ýelli ekeniň. Meniň ýagym bolmasa, jöwensiň-dä. Kim saňa el uzatsyn.

Dawa ýetjek derejesine ýetipdir. Jöwen – süle, arpa bir-birlerine ýeň berman gürläpdirler. Şeýlelik-de ahyrsoňy gezek ýer ýaly agras bugdaýa ýetipdir.

– Men ynsanyň ömürlik ýoldaşy. Aşy, nany, dony döwleti. Ýöne ynha gowaça bar. Ol hem ynsana mençe golaý. Şonuň üçin hem meýdanlaryň soltany, goý, gowaça bolsun – diýipdir. Şeýlelik bilen däneleriň arasyndaky jedel çözülipdir.

*Teksti okap gürrüň beriň.*

# SANAWAÇLAR

## Iňňe-iňňe

Iňňe-iňňe,
Ujy diňňe.
Bal-balyna,
Şek-şekine.
Şatyr geçi.
Gotur geçi.
Gola geçi.
Möle geçi.
Halalaň-hapbaň,
Güleleň güpbeň.
Ýaryl böwsül,
Tur sen çyk.

* * *

Başam barmak baş getir,
Süýem barmak süýt getir,
Orta barmak ot ýakar,
Ogulhajat ok atar,
Külbikejik kül atar.

* * *

Gün çykdy
Gülälek çykdy
Harman başyna
Jäjek çykdy.

Ýörmeläp ýola çykdym,
Ýoldan bir dary tapdym.
Daryny towuda berdim
Towuk ýumurtga berdi.
Ertir irden gitdiler,
Agşam agyp geldiler.

## ÝAŇYLTMAÇLAR

Eýläk togalananja topum,
Beýläk togalananja topum.
Togalana-togalana,
Güýmenje bolaganja topum.

## ÇEPBEKEÝ

Çepegiňi çepbe geýme,
Çepbekeý
Sag çepegiňi çepe
Çep çepegiňi çepe.

## OGRY GARGA

Garga gurda garady
Garry garga garady.
Garga gurdy garbady,
Garry garga garady.

*Sanawaçlary ýat tutuň.*

# ZÄHMET BAGTA ELTER

## TYGŞYTLY BOLUŇ

Çagalar, siz öýde ene-ataňyzyň, ulularyň işlerine kömekleşýärsiňizmi? Nähili işleri ýerini ýetirýärsiňiz? Şuňa meňzeş soraglara jogap bermek üçin ilki bilen öý işlerini oňat ýerine ýetirmeli we tygşytly bolmak gerek.

Önümleri arassalamagyň kyn işdigini bilseňiz gerek. Olary ýuka edip arassalamagy endik ediniň. Suwy biderek sarp etmek mümkin däl. Bir damja suw gurap barýan on düýp nahaly gorap bilýär. Ýa-da her gezek elektrik çyralary wagtynda söndürmegi endik edinen çaga bir günde birnäçe elektrik toguny tijäp biler. Tygşytlylyk – gowy adatdyr.

**Soraglar:**

1. Tygşytly bolmak üçin näme etmeli?
2. «Dama-dama köl bolar – hiç dammasa çöl bolar» diýen nakylyň mazmunyny düşündiriň.



*Ýakutjan RAHYMOWA*

## 9-NJY MAÝ HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI

Ägirt gyrgynçylykly, gandöküşikli uruş bolan Ikinji jahan urşunda 50 million kişi heläk boldy.

Diňe bir biziň diýarymyz – Özbegistanyň 450 müňden artyk ýigitleri söweş meýdanlarynda gahrymanlarça gurban boldular. Müňläp-müňläp adamlarymyz maýyp-müjrüp bolup gaýtdylar. Bulardan başga-da ençeme müňläp adamlarymyz nam-nyşansyz ýok bolup gitdiler. Ildeşlerimiz şol ganly söweşlerde jana-jan ýurdumyz onuň azatlygy we özbaşdaklygy, gelejek bagty üçin janyny gurban etdiler. Olaryň hatyrasyny ebedileşdirmek maksady bilen 1999-njy ýylyň 2-nji martynda Özbegistan Respublikasynyň

Prezidentiniň permany yglan edildi. Şol permana laýyklykda 9-njy maý – Hatyra we Hormatlama güni, umumyhalk baýramy hökmünde Özbegistanda her ýyl giňden bellenilip geçilýär.

Hatyra we Hormatlama güni iň mukaddes gün hasaplanýar.

**Soraglar:**

1. Ikinji jahan urşy nähili netijelere alyp geldi?
2. Ildeşlerimiz näme üçin söweşdiler?
3. 9-njy maý nähili gün diýlip yglan edildi?
4. Siziň ýaşaýan ýeriňizden hem Hatyra we Hormatlama güni bellenildimi?

*K. GURBANNEPESOW*

## NAZAR JANYŇ PILJAGAZY

Gapymyzyň agzyndaky
Çägesöwje ýoljagazy,
Petir ýaly bezäp çykýar
Nazar janyň piljagazy.

Jürdek bilen suw getirip,
Akdyranda siljagazy,
Gaçy ýasap böwet basýar
Nazar janyň piljagazy.

Ýer depen-de pes bolsa-da,
Depiminiň hiljagazy,
Aýna ýaly gülbüräp dur.
Nazar janyň piljagazy.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## HÜNÄR – SENIŇ HORMATYŇ

Her bir adam belli bir hünär edinmeli. Hünärli adam çekýän zähmetini ýerine salýar. Pagtaçy özüniň zähmeti bilen «Ak altyn» dagyny döredýär. Mal bakýan çopanlar halkymyzy et, süýt, ýüň önümleri bilen üpjün edýärler.

Gözel-gözel jaýlar gurluşykçynyň gujurly gollary bilen emele gelýär.

Mugallym biziň her birimiz üçin ata-ene ýaly mähirli. Ol seni hatly-sowatly edýär, durmuşa ugrukdyrýar. Durmuşda hor bolmazlyk üçin her bir adamyň hünäri bolany ýagşy.

Hünärli adamy hemmeler uly hormat edýärler. Her bir adam özüniň çekýän zähmeti bilen tanalýar. Çagalar siz şu wagtdan başlap hünäre gyzygyp başlaň. Biziň ata-babalarymyz «Hünärim bar, hormatym bar» – diýip ýöne ýerden aýtmadyklar. Hünärli kişi hiç wagt hor bolmaýandyr.

**Soraglar:**

1. Sen ulalanda kim bolmakçy?
2. Kärlerden, hünärlerden haýsylaryny bilýärsiňiz?
3. Teksti okaň we özüňiz ýakdyrýan hünäriňiz barada gürrüň beriň.

## SYGYR WE MÖJEK

Sygrym golaýdaky depä baryp durdy. Görsek gölämiz hem arça agajynyň ýanynda duran eken.

Onuň ýeňsesi üç-dört ýerinden dişlenipdir, ýarasy bolsa gyzaryp dur. Enesi bolsa onuň töwereginde aýlanyp ýör sygyr göläniň ganan ýerini ýalaýar. Men ony birden görüp gaty nebsim agyrdy. Men sygra seretdim. Onuň arkasy dişlenilip dilnipdir. Çep gözi bolsa bütinleý ýumlup galypdyr.

Birden ýere seretsem ýerde möjek yzyny gördüm. Onsoň nähili wakanyň bolandygyna göz ýetirdim. Sygrymyz geçen gije gölesini goramak üçin möjek bilen uly söweş edipdir. Emma biziň sygrymyz öz gölesini bermändir.

**Soraglar:**

1. Sygryň gölesine näme bolan?
2. Ony näme dişläpdir?
3. Hekaýany gürrüň beriň.

## ÇAL DUTARYM

(*Gysgaldylyp alyndy*)

Guwanýaryn zähmetiňe,
Zähmetim bagtym meniň.
Bagty tapýan zähmetimden,
Hoş geçýär wagtym meniň.

Sen diregi dünýämiziň,
Saňa bakýar bar ynsan.
Parahatlyk esgeridir,
Oglanyň-gyzyň seniň.

Çal dutarym, çal dutarym.
Çal dutarym saýra sen.
Joş owazyň şirin sazyň
Dumly-duşa ýaýnasyn.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## HÜNÄRI BAR HOR BOLMAZ

Bir patyşanyň ýeke-ýalňyz, lälik ogly bar eken. Patyşa dana wezirine oglunyň gowy adam bolmagy üçin nämeler etmelidigini maslahat edipdir. Şonda wezir:

– Aly hezretleri, oňa hünär öwretmek gerek, – diýipdir.

Patyşa ýurtdaky ähli iň oňat hünärmentleri saraýa ýygypdyr. Olar ýaş patyşa haly

dokamagy, küýzegärçiligi, nan ýapmagy, aşpezligi we başga-da köp hünärleri öwredipdirler. Ol hünärli bolup ulalypdyr. Patyşanyň ogly awçylygy hem gowy görýärdi.

Bir güni ol awa çykanda, keýigiň yzyndan kowalap tokaýda azaşypdyr. Tokaýyň golaýynda garakçylar ýaşaýan eken. Olaryň biri täjinde göwherdir altyn ýalpyldap duran patyşanyň ogluny görüp, başga garakçylara habar berýär. Olar patyşanyň ogluny tutup öz ýaşaýan ýerlerine eltip gabap goýýarlar.

Patyşa oglunyň awdan gelmäwereninden howatyrlanyp, wezirinden sorady. Wezir bolsa:

– Aly hezretleri, birneme wagt geçsin, soňra bazara adam iberiň, ogluňyz barada bir habar bolar, – diýipdir.

Patyşanyň nökerleri bazara aýlanyp ýörkäler, ullakan bir halynyň satylýandygyny görüpdirler. Haly örän owadan eken. Derrew bu barada patyşa habar edipdirler. Patyşa: – Halyny satyn alyň! – diýipdir. Halyny saraýa getirip, üns bülen seretseler ony patyşanyň ogly dokan eken. Halyda ony nähili tapyp bolýandygyny barada ýazylan eken. Nökerler şazadany haýal etmän

tapyp getiripdirler. Patyşa dana wezirine sag bol aýdypdyr. Çünki onuň ogly hünärli bolany üçin garakçylardan gutulypdy.

– «Ýigide ýetmiş hünär hem az» – diýip şoňa aýtsalar gerek.

**Soraglar:**

1. Wezir patyşa nähili maslahat berýär?
2. Şazada garakçylardan nähili gutulypdyr?
3. Hünär baradaky dana sözleri ýat tutuň.

*A. AMANLYÝEWA*

## ZÄHMET GÜNI

Çagalykdan öwrenýäs
Bizem zähmet endigin.
Bilýäs onuň lellimler
Üçin gaty kyndygyny.

Gol gowşuryp ýatamzok
Gizläp akja eli biz.
Suwarýarys gülleri
Hem ýuwýarys poly biz.

Oturdýarys nahaly,
Gül dikiräk tutsana.
Indi bolaýdy öýdýän,
Düýbüne gum atsana.

Gaçamyzok bukulyp,
Edýäs her bir işi biz
Saklaýarys sarpaňy,
Ýyldyzlyja döşümiz.

Çagalykdan öwrenýäs
Bizem zähmety endigin.
Saýlaýar ol ýaltanyň,
Işeňňiriň kimdigini.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## DANA SÖZLER

Hazyna ýöneden däl, zähmetden gelýär.

* * *

Zähmet çekip tapanyň – gantdan şirin dadanyň.

* * *

Ýaşlykda çeken zähmetiň garranda döwlet getirer.

* * *

Arzuw ynsanyň ganatydyr.

* * *

Haýyrly mal eýesini tapar.

*G. ŞAMYÝEW*

# KAKAMYŇ ELLERI

Kakam ussa. Demirden
Dürli gural ýasaýar.
Mydam ussahanada
Tyry-tyrk edýän sesi bar.

Haçan görseň, «oýnagy»
Çekiç bilen sandaly.
Bejermeli, bejerlen
Pildir orak gapdaly.

Menem, elim sypynsa,
Aýrylmadym ýanyndan
Şägirt bolup öwrenýän
Zatlarym känle ondan.

Türgenleşýän bir zada
Garşy-garşy seredip,
Menem ussa bolsamdym,
Şeýle senet döredip!..

Uly-uly arzuwdan
Doly meniň ýüregim.
Kakam: çekiç götärden
Ejiz – diýýär – bilegiň.

Islän bolýan şonda-da,
Ne hezil iş ugruksa!
Çekiç degýär barmagma,
Sähelçejik howlukman.

*Goşgyny labyzly okaň.*

## AGA-INI

Bir zamanda iki aga ini bolupdyr. Olaryň ene atalary entek dirikä: «Balalarym, agzybir boluň, bir-biriňizi ýekelemäň. Agzybire taňry bir, agzalany gaňrybir» diýleni ýatdan çykarmaň! – diýip nesihat beripdirler.

Aga-ini ösüp-ulalypdyrlar. Uly agasy öýli-işikli bolupdyr. Inisi bolsa ony hemme taraplaýyn goldapdyr. Olar bugdaý, arpa ekip – bol hasyl alypdyrlar. Agasy inisini öýermek üçin oňa bu ýylky dänäni ýygyp goýupdyr.Inisi harmana seretse oňa bölünip berlen galla köp ekeni. Ol pikirlenipdir-de: ýok, meniň ýeke özüm. Agamyň maşgalasy bolsa işi uly. Däneden men oňa bermelidirin, – diýip agasynyň paýyna goşup goýupdyr.

Ir bilen agasy harmana gelip seretse, inisiniň dänesi kemelip, özüniňki artypdyr. Agasy derrew inisiniňkä däne goşup goýupdyr.

Şeýdip, agasy güýzde inisini öýeripdir. Aga-iniler ýanma-ýan ýasapdyrlar. Olaryň çagalary köp bolupdyr. Çagalary-da edil atalary ýaly agzybirlikde ulalypdyrlar. Obanyň adamlary-da bu agzybir maşgalany görüp guwanypdyrlar we olary hormat eder ekenler

**Soraglar:**

1. Aga-inileriň agzybirligini olaryň haýsy işlerinden bilmek bolar?
2. Goňşulary olara näme üçin guwanýarlar?
3. Agzybirlik, mähribanlyk barada nakyllar tapyň we olary ýat tutuň.

*N. MAKSUDOW*

## IŞ IŞDÄNI AÇAR

Şöhratyň atasy baga gülüň nahalyny oturtdy. Şöhrat atasyna kömekleşip ýer agdardy, nahallara guýmak üçin suw daşady. Birneme wagt geçensoň ol ajykdy. Enesinden nahar sorady.

Enesi oňa bir tabak nahar getirip stoluň üstünde goýdy. Şöhrat elini ýuwup, nahary işdä bilen iýdi. Nahar oňa düýnkisinden-de tagamly duýuldy.

– Ejejan, naharyňyz örän süýji bolupdyr, – diýdi.

– Hä, oglum, dogry aýdýaň, işleseň nahar ine şeýle süýji bolýar. Iş işdäni açýar, – diýdi enesi.

**Soraglar:**

1. Şöhrat näme üçin işdä bilen nahar iýdi?
2. Enesi oňa näme diýdi?

## *Nakyllar*

Iş işdäni açar
Ýalta işden gaçar.

* * *

Sözi kem sözle,
Işi köp gözle.

*K. MUHAMMEDI*

## BILIM AL, HÜNÄR SAÝLA

Watan saňa garaşýar,
Oglum şony bilip goý!
Bagt ýoluna salýan,
Kitabyňa mähir goý.

Öwrenip töwerek-daşy,
Bilim depesin eýele!
Gel, diýer derýa, daglar
Al hazynam eýele!

Iru-giç gözün dikip,
Garaşýandyrlar saňa!
Güneş çykar, aý çykar,
Nurum iç diýer saňa!

Gelsene çalt bilimli mert,
Bizi tizräk eýele!
Diýýän ýaly çar tarapdan,
Bili al, hünär saýla!

*Goşgyny labyzly okaň.*

## ÝALANÇY MERET

Meret gowy oglan, ýöne bir kemçiligi bar. Ol ýalan geplemegi endik edinipdir.

Hatda enesini hem aldapdyr. Bir güni enesi bolsa:

– Meret oglum, kükürdimiz gutardy. Derrew dükana baryp gel – diýse, Meret ýaltalyk bilen ornundan turup köçä çykýar. Ýolda dosty Medet batbörek uçuryp ýören eken. Meret oňa höwes bilen garap durdy.

Medet:

– Ýör depelige çykyp uçýarys – diýdi. Meret onuň bilen gitdi. Enesi oňa garaşa-garaşa ahyry goňşularyndan kükürt sorap nahar bişirdi. Giç boldy oglanlaryň garny ajykdy.

– Ýör öýe gideli, – diýdi Meret.

Şonda Meret dükana barmalydygy ýadyna düşdi we ylgady. Dükan ýapykdy:

– Ejejan, dükan ýapyk eken – diýdi Meret.

Enesi sesini çykarmady. Oňa nahar salyp berdi. Meret işdälije nahar iýdi. Bir güni mugallym çaglara:

– Kim Samarkanda bardy? – diýse, Meret, men bardym – diýdi.

– Gaty gowy, hany görenleriňi aýdyp ber.

Meret başyny egip duruberdi. Çagalar gülüşdiler.

– Otur, Biz indiki hepde-de Samarkanda barýarys. Sen ýalan gepläniň üçin barmarsyň diýdi – mugallym. Meret utanjyndan aglady. Çünki ol Samarkandy görmegi arzuw edýärdi.

– Indi hiç ýalan geplemegin, – diýip özüne söz berdi.

**Soraglar:**

1. Kim ýalan sözledi?
2. Merede ejesi näme diýdi?
3. Ýalan geplemek nähili adat?
4. Teksti okap gürrüň beriň.

*O. IGDIROW*

## SÖZDE DÄL, IŞDE

Ir bile turup,
El – ýüzüm ýuwýar.
Taýynlyk görüp,
Okuwa gelýär.

Okuwdan galman
Doly gatnaýar.
Geçen ýerlerin,
Pugta ýatlaýar.

Yhlasly okaýar,
Bar güýjün berip.
Hemme sapakdan
Bäş baha alyp.
Üsti arassa,
Tämizje gezýär.
Her gün işine
Planlar düzýär.

Işeňňir özi,
Köpçülik işde.
Hakyky zor ol,
Sözde däl işde.

*Goşgyny ýatlaň.*

## TUT

Tut agajy örän peýdaly agaçdyr. Özbegistanda tutlaryň ençeme görnüşleri bar. Ak tut, gara tut kä ýerlerde şa tudy hem gabat gelýär. Emma ol kän ýaýran däldir.

Tut agajy örän berk bolansoň, ol dutar, öý gap-gaçlaryny ýasamakda ulanylypdyr. Tuduň ýapragyndan, kökünden goňur, gyzyl-sary reňkleri almak bolýar.

Tut agajy aprel aýynda ýapraklaýar we gülleýär. Maý aýynyň aýaklarynda bolsa – miweleri bişip başlaýar. Tuduň bişen tudanasyndan on bäş prosente barabar şeker alynýar. Şonuň üçin onuň miwesi üýmek üçin örän ýakymly. Tudana bişen wagty serçeler hem sarlar onuň töwereginden aýrylmaýarlar. Sebäbi tudana olar üçin iň lezzetli iýmişdir.

**Soraglar:**

1. Tut agajy haçan ýapraklaýar?
2. Tut agajynyň nähili peýdasy bar?
3. Tudyň tudanalary nähili reňkde bolýar?

## BALYK TUTMAK

Çagalar dynç güni balyk tutmaga gitdiler. Olar ýabyň gyrasynda hatarlanyşyp oturdylar çeňňeklerini suwa taşladylar. Biraz

oturanlaryndan soň, Nury bir kiçiräk balyk tutdy. Birazdan soň Saparyň çeňňegini balyk çekmäge başlady. Ol muny ýoldaşlaryna bildirdi. Çagalaryň hemmesi ylgaşyp geldiler. Sapar çeňňegi tartdy. Çeňňek gaty agyrdy. Şonuň üçin iki bolup tartdylar Görseler, çeňňege bir uly lakga balyk düşüpdir. Oňa çagalaryň hemmesi begenişdiler. Ýene birazdan soň Myrat hem çeňňegini tartmaga başlady. Emma Myradyň çeňňegi saparyňkydan hem agyrdy. Çagalar uly bir balyk düşendir diýip oýladylar. Myradyň çeňňegini üç bolup tartyp çykardylar. Görseler, onuň çeňňegine içi palçykdan dolup giden köne botinka ilişen eken.

**Soraglar**

1. Çagalar dynç düni nirä gitdiler?
2. Myradyň çeňňegine näme ilişipdir?

*P. ÖWEZLIÝEW*

## KIM BILMEŞEK

Tap-tap edýär, jany ýok,
Damary bar, gany ýok,
Özbegistanyň ilinde
Munuň ýalyň sany ýok.

Endam – jany polatdan,
Edermen ol kän atdan.

Yzyndaky dişleri
Ýeri ýumşadýar etden.

*Tapmaçany okaň.*

*B. KERBABAÝEW*

## ÝAZDA

Ýapjagazlar boýunda
Suw oýnaýar oglan-gyz,
Öwhä atyp, pajjyldap,
Diýýär: «Gyşdan hezil ýaz!»

Oýmuldaşyp ördek-gaz,
Ganat kakyp daranýar.
Birden başaşak çümüp,
Suwdan iýmit garaýar.

Gögüň ýüzi dup-dury,
Gün hem ýagtysyn salýar,
Görüp gözüň göreji,
Göwnüň ýokary galýar.

Gyşdan çykan agaçlar
Ýapraklaşyp ösüpdir,
Şaha aýryp, kök urup,
Ol horlugy basypdyr.

Ýeriň ýüzi parç bolup,
Ýetişipdir gök otlar,
Goýun, guzy hem sygyr,
Otlaşyp ýör gök otlar.

Owlak-guzy bökjekläp,
Hezil edip oýnaýar,
Ýaz paslynyň howasy
Jana siňip ýaýnaýar.

Gülälekler üstünde
Perwaz urýar kebelek.
Gatany bar eýjejik,
Sagrysy-da tegelek.

*Goşgyny labyzly okaň.*

*D. KARIMOW*

## MEÝDANDA

Howa örän durudy. Gökde bulut-da ýokdy. Durdyjyk jigisi Gözel bilen irdenjik turdular-da, meýdana gezelenje gitdiler. Meýdan örän oňatdy.

Gök otlaryň üstünde suw damjalary monjuk ýaly ýalpyldaýardy. Bilbiller saýraşýardy. Her hili güller gyzyl – ala bolup görünýärdi. Kebelekler hem gülden-güle gonşup keýip edýärdiler. Olar birsalym kebelek kowalap gezdiler-de, her haýsy bir desse gül ýygdy. Ondan soň öýlerine gaýtdylar.

**Soraglar:**

1. Ýazda meýdanda nähili güller bolýar?
2. Siz ýygan gülleriňizi nirede goýýarsyňyz?

# ALTYN TOÝNAKLY KEÝIK

*(Erteki)*

Bir obada Alpan atly bir ýetim oglan bolupdyr. Onuň ata-enesi agyr keselden wepat bolupdyrlar. Ol meýdana arpa-süle ekip güzeran görer eken.

Bir güni ol atlaryň güpürdisini eşidipdir. Seretse, bir keýigi üç adam kowalap gelýän eken. Oglan gamyşdan ýaşalan çatmasyna keýigi gizläp goýupdyr. Atlylar gelip oglandan:

– Heý, oglan, keýik nirä gitdi? – diýip sorapdyrlar.

Şonda oglan:

– Ynha şu tarapa gitdi, – diýip pert jogap beripdir.

Atlylar hem oglanyň salgy beren tarapyna gidipdirler. Bir sellemden soň keýik çatmadan çykyp adamlar ýaly gürläp:

– Sag bol, sen örän akylly ekeniň. Ynha al, bir geregiňe ýaradarsyň, – diýip toýnaklaryny ýere urupdyr welin, altyn teňňeler saçylypdyr. Oglan muňa haýran galypdyr.

– Ýygyp al, eger başyňa müşgül iş düşende altynlaryň birini sypalasaň men şol bada ýetip gelerin, – diýipdir. Özi bolsa gözden gaýyp bolupdyr. Oglan altynlary

ýygyp, otlaryň aşagyna gizläp goýýar-da, öz işi bilen meşgul bolýar.

Birazdan atlylar dolanyp gelip oglany gamçylap urup başlaýarlar.

– Sen näme bizi aldadyň. Keýigiň yzlary şu ýerde tamamlanýar. Sen keýigi gizläpsiň, – diýip oglany gynapdyrlar.

Çatmasyny bozup taşlapdyrlar. Şonda otlaryň arasyna gizlenen altynlary görüpdirler-de:

– Hä, ýalançy, keýik seniň dostuň eken-ä, hany tap ony, – diýipdirler. Şonda oglan ýerde ýatan bir altyny görüpdir-de ony alyp derrew agzyna oklapdyr.

Atlylar oglany ata daňyp süýräp gidipdirler. Olar köp ýol geçip ýadapdyrlar we bir uly agajyň aşagynda dynç almaga oturypdyrlar. Iýip-içipdirler-de uka gidipdirler. Şonda oglan agzyndaky altyny çykaryp sypalap başlapdyr. Şol wagt agajyň arkasyndan keýik peýda bolupdyr. Oglan keýige bolan wakany indi aýtmakçy bolanda atlylar oýanypdyr-da keýigi tutmakçy bolupdyrlar. Keýik olara tutdurman gaçypdyr. Şonda olar ýene oglany gynap başlapdyrlar. Oglan çydap bilmän, diliniň aşagyndan altyny çykaryp sypapdyr, derrew keýik altyn toýnaklaryny güpürdedip gelipdir-de:

– Oglana azar bermäň, näme isleýän bolsaňyz aýdyň? – diýipdir.

– Altyn, altyn isleýäs! – diýip gygyrypdyrlar olar.

– Bolýa, ynha size altyn, – diýip yzky toýnaklary bilen ýere urupdyr welin, sansyz-sajaksyz altynlar saçylyberipdir. Olar bolsa:

– Ýene, ýene, ýene, – diýşip saçylan altynlary ýygyberipdirler-ýigiberipdirler, şeýdip dyzlaryna ýetýänçe altyna gömlüpdirler. Şonda-da olar açgözlük edip:

– Ýene, ýene, – diýip gygyrypdyrlar. Keýik ýene saçyberipdir. Olar bütinleý altyna gömülip galypdyrlar. Ahyrynda sesleri çykman galansoň:

– Ýor oglanjyk, gideli, – diýipdir keýik. Şeýdip oglan keýik bilen dagyň arkasyna geçip bile ýaşap, myrat-maksatlaryna ýetipdirler.

Kyssanyň gysgasy şundan ybaratdyr, ýagny, kanagatly bolmaklyk bagta elter.

## HOWA ÝAGDAÝY BARADA HALK ÝORGUDY

Älemgoşaryň peýda bolmagy soňky günlerde howanyň açyk bolmagynyň alamatydyr.

Tozganyň güli ýumulsa, howa bozular.

Peçekgül uly-uly bolup açylsa, howa açyk bolýar.

Deregiň salkymlary uçup gezse, howa açyk bolýar.

Gülzaryň töweregini aýlanyp geziň. Eger güller adatdakydan köp ys çykarsa, ýagyş ýagmagy mümkin.

Ýagyş ýagýarka şemal bolsa, howa tiz açylar.

Gara bulutlar pessaýlap tiz süýşse, ýagyş uzak dowam eder.

Güýçli ýagyş tiz togtaýar, maýdalap ýagsa uzak ýagar.

Ýagyşyň damjalary lüýkde topbajyk emele getirse, ýagyş birnäçe gün dowam eder.

*K. NURBATOW*

## HOŞ MEKDEP

Ylym berdiň, okatdyň,
Bolduk senden hoş, mekdep.
Tomus kanikulyna
Çykdyk indi.
Hoş mekdep!

*Goşgyny labyzly* okaň.

# MAZMUNY

## ENE TOPRAK ALTYN DIÝARYM


Özbegistan Respublikasynyň döwlet senasy.....3
Garaşsyz watanym Özbegistan....4
Watan hakda....5
Bilimler güni....5
Daşkent....6
Daşkent metrosy....8
Men Watanyň balasy....9
Watan....10
Ülkäm meniň....10
Ene watan....11
Kerneýçi şa....11
Ene toprak....13
Hekaýat....13
Humaý guşy....15
Ata watan....15
Watan nireden başlanýar....16


## ALTYN GÜÝZ HASYLYŇ ÝÜZ


Güýz....18
Güýz....19
Güýz aýynda....20
Güýzde....21

Güýz ....................................................................22
Obanyň gelşigi ....................................................22
Awçy we onuň agtygy ..........................................23
Gumda..................................................................24
Daýhanyň maslahaty..............................................24
Ajaýyp pasyl .........................................................25
Güýzüň soňy .........................................................26
Tilki bilen üzüm.....................................................27
Eşek bilen ýaby ....................................................28
Biziň tebigy baýlyklarymyz.....................................29
Nebsewür syçan....................................................30

## BAGTYM MEKANYM – MEKDEBIM, GÜNEŞ NURUM – KITABYM

Mekdepde .............................................................33
Durdy ....................................................................33
Ökde Durdy............................................................34
Üçlük baha ............................................................34
Kitaphana...............................................................36
Mekdebim .............................................................37
Biziň synpymyz .....................................................37
Mekdep .................................................................38
Okuw ýyly..............................................................39
Okuwça ýatlama.....................................................40
Kitap ....................................................................40
Arzuwlar................................................................42
Maýyp kitap ..........................................................43
Mugallymym...........................................................44
Alişir bilen bilbil.....................................................45
Şahyr bilen şa........................................................46

Wagtyň gadyry ....................................................47
Matallar ............................................................47
Myratjan Şerip ogly ...........................................48
Mekdebiň bagynda ............................................49
Mekdep bagynda ................................................51

## KÜMÜŞ GÜŞ GÖÝÄ ALKYŞ

Gyş ....................................................................51
Aýazly gün .........................................................52
Guşlary iýmläň ...................................................53
Biler bolsaňyz ....................................................54
Gar ýagýar .........................................................54
Özbegistan respublikasynyň konstitutsiýasy......55
Bagtymyzyň kanuny ...........................................56
Haýwanlar nähili gyşlaýarlar ...............................57
Gyşyň gözelligi ...................................................57
Gyşda .................................................................58
Garynja bilen çekirtge ........................................60
Gyş ....................................................................62
Gyş ....................................................................62
Gyş günleri .........................................................63
Tilki, towşan we horaz ........................................64
Görer gözüň gymmaty ........................................68
El näme üçin gerek? ...........................................69
Pasyllaryň gözelligi .............................................70
Ýylyň pasyllary ...................................................71
Gyş günleri meýdanda .........................................72
Aýazbaba ............................................................73
Guşlar .................................................................76
Suratkeş aýazbaba ..............................................76

Täze ýyl goşgusy ........ 78

## BIZIŇ MAŞGALAMYZ

Biziň maşgalamyz ........ 79
Çaý ........ 80
14-nji ýanwar Özbegistanda watan goraýjylary güni ........ 81
Dynçlyk dünýäniň diregi ........ 82
Rehimli we dykgatly boluň ........ 82
Dana sözler ........ 83
Aýakgap fabriginde ........ 84
Atam ikimiz ........ 85
Nakyllar ........ 85
Ata enä hormat ........ 86
Ene hem agtygy ........ 87
Mawy gülli käse ........ 88
Meniň ejem ........ 90
Şäherde ........ 90
Men türkmen ogly ........ 91
Gyzyl yşyk ........ 92

## ERTEKILER DÜNÝÂSI

Şärikli ekin ........ 93
Garga, tilki we syçanyň dostlugy ........ 95
Pişik bilen syçan ........ 96
Akyl we baýlyk ........ 99
Ýolbars we garynja ........ 100
Möjek we ýedi owlak ........ 102
Bezzat çagalar ........ 104
Bürgütden aldanan çaýkel ........ 106

Sabyrly bol. I–II–III..........108
Aýy bilen adamyň dostlugy..........109
Şalgam..........111

## ÇÖREK MUKADDESDIR

Mukaddes zat..........113
Çöregiň bala öwrülişi..........115
Degirmen..........116
Bugdaý..........117
Saçagyň hümmeti..........118
Nan owuntygy..........118
Peýdaly ekin..........120
Bugdaýyň alnyşy..........121
Açgözlük..........123
Nan hakynda..........124

## GELDI BAHAR GÖWÜNLER AÇYLAR

Bahar..........126
Ir baharda..........127
Goşant goş..........128
Agaçlaryň söhbeti..........128
8-nji mart..........130
8-nji mart geldi..........131
Sazy söýýän güller barada erteki..........131
Nakyllar, matallar..........133
Ýadygärlik..........135
Ýaz ýagyşy..........135
Jerenjik çopanlaryň goşunda..........136
Çeşmejik..........137
Nowruz baýramy..........138

Nowruz geldi ýaz geldi....................................139
Nowruz bahar baýramy....................................140

## GUŞLAR WE HAÝWANLAR BIZIŇ DOSTLARYMYZDYR

Öý haýwanlary ................................................141
Taýçanak, guzy, pişik, at, sygyr....................142
Çöl haýwanlary................................................143
Haýwanlaryň jedeli ..........................................144
Ýaz ....................................................................144
Kepderi ..............................................................145
Guşlar –- biziň dostumyz ................................146
Ganatly dostlar ................................................147
Serçe ..................................................................148
Sargyldak..........................................................149
Guşlar ................................................................150
Güjük we owlak ..............................................150
Çebşejik ............................................................152
Bilbil ..................................................................152
Nakyllar............................................................153
Içinde ................................................................154
Meýdanyň soltany ..........................................157
Sanawaçlar ......................................................158
Ýaňyltmaçlar ....................................................159

## ZÄHMET BAGTA ELTER

Tygşytly boluň ................................................160
9-njy maý Hatyra we Hormatlama güni.......161
Nazar janyň piljagazy ....................................162

Hünär-seniň hormatyň....................................163
Sygyr we möjek ..........................................164
Çal dutarym................................................165
Hünäri bar hor bolmaz .................................165
Zähmet güni ................................................167
Dana sözler.................................................168
Kakamyň elleri.............................................169
Aga-ini .......................................................170
Iş işdäňi açar ..............................................171
Bilim al hünär saýla......................................172
Ýalançy Meret .............................................173
Sözde däl işde ............................................175
Tut..............................................................176
Balyk tutmak................................................176
Kim bilmişek ...............................................177
Ýazda ........................................................178
Meýdanda ...................................................179
Altyn toýnakly keýik .....................................180
Howa ýagdaýy barada halk ýorgudy ...........182
Hoş mekdep ................................................183

**Abdullaýewa Ş. we başg.**
A 13 Okuw kitaby: 2-nji synp üçin derslik. (Ş. Abdullaýewa, G. Welbegow, Ş. Satmatow) 6-njy neşir. D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. – 2018. – 192 s.

ISBN 978-9943-01-290-5

**UO‘K 811.512.164(075)**
**372.41(075**
**KBK 81.2. Tur-922**

*O‘quv nashri*

**Sh. Abdullayeva, G. Velbegov, Sh. Satmatov**

**O‘QISH KITOBI**

2-sinf uchun darslik

*(turkman tilida)*

Oltinchi nashr

Original-maket «O‘zbekiston» nashriyot-matbaa ijodiy uyida tayyorlandi.
100011. Toshkent, Navoiy ko‘chasi, 30.

Redaktor *K. Hallyýew*
Çeperçilik redaktory *H. Myhmanow*
Tehredaktor *L. Hijowa*
Korrektor *K. Hallyýew*
Kompýuter wýorstkaçysy *L. Abkerimowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158, 14.08.2009.
Çap etmäge 2018-nji ýylyň 4-nji maýynda rugsat edildi. Ölçegi 70×90$^{1}/_{16}$.
Ofset kagyzy. «Arial» garniturasy. Kegli 16, 14. Ofset usulynda çap edildi.
Şertli n.l. 14,04. Neşir l 15,79. 969 nusgada çap edildi. Sargyt № 141.

«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň
Baş redaksiýasynyň çaphanasynda çap edildi.
100000. Daşkent. Beýik Turan köçesi, 41.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Okuw kitabyny alan wagtyndaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Okuw kitabyny tabşyran-daky ýagdaýy | Synp ýolbaş çysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Okuw kitabynyň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, okuw kitabynyň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagatla-narly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, okuw kitabynyň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatla-narsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahyp-alary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Okuw kitabyny gaýtadan dikeldip bolmaýar. |